TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
– GEOGRAFIK TAÝDAN AMATLY ÝERLEŞMEGI BILEN, EZIZ WATANYMYZ YKLYMLARY BIRLEŞDIRÝÄN ÖRÄN MÖHÜM MERKEZLERIŇ BIRINE ÖWRÜLÝÄR. TÜRKMENISTAN ULAGLARYŇ ÄHLI GÖRNÜŞINI ÖSDÜRMEK ÜÇIN ULY MÜMKINÇILIKLERE EÝEDIR.

ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA TÜRKMENISTAN
5-nji maý, 2023. Belgisi 18/1532



# WATAN GORAGY – BELENT MERTEBE

***3-nji maýda Türkmenistanyň Prezidenti, ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy, goşun generaly Serdar Berdimuhamedow Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň nobatdaky mejlisini geçirdi. Onda harby we hukuk goraýjy edaralarda şu ýylyň dört aýynda ýerine ýetirilen işleriň jemleri jemlenildi. Mejlisiň gün tertibine Garaşsyz döwletimizde howpsuzlygy, asudalygy üpjün etmek, harby we hukuk goraýjy edaralaryň maddy-enjamlaýyn binýadyny pugtalandyrmak, olaryň işini mundan beýläk-de kämilleşdirmek bilen bagly meseleler hem girizildi.***

Ilki bilen, Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň sekretary, goranmak ministri B.Gündogdyýew çykyş edip, degişli döwürde Ýaragly Güýçleri ösdürmegiň maksatnamasyny durmuşa geçirmek hem-de olary iň täze tehniki serişdeler bilen üpjün etmek boýunça ýerine ýetirilen işler barada hasabat berdi. Milli goşunyň düzüm böleklerine sanly ulgamy ornaşdyrmak, harby gullukçylaryň hünär derejesini ýokarlandyrmak hasabatda beýan edilen meseleleri öz içine aldy. Şeýle hem Ýaragly Güýçlerde çagyryş boýunça harby gullugy geçýän harby gullukçylary harby gullukdan boşatmak we Türkmenistanyň raýatlarynyň harby gulluga nobatdaky çagyrylyşyny guramaçylykly geçirmek babatda alnyp barylýan işler barada hasabat berildi.

Döwlet Baştutanymyz hasabaty diňläp, Garaşsyz, Bitarap Türkmenistanyň diňe goranyş häsiýete eýe bolan Harby doktrinasynyň ilkinji nobatdaky wezipelerini üstünlikli durmuşa geçirmegiň möhümdigine ünsi çekdi. Bellenilişi ýaly, Milli goşunyň maddy-enjamlaýyn binýadyny yzygiderli pugtalandyrmak, esgerleriň we serkerdeleriň netijeli gullugy, mynasyp durmuşy üçin ähli şertleri döretmek zerurdyr. Hormatly Prezidentimiz Ýaragly Güýçleri ösdürmegiň maksatnamasynda kesgitlenen çäreleriň öz wagtynda ýerine ýetirilmegini berk gözegçilikde saklamak gerek diýip, Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň sekretary, goranmak ministri B.Gündogdyýewe birnäçe anyk tabşyryklary, şol sanda esgerleriň hem-de harby talyplaryň arasynda türkmen halkynyň harby ýörelgeleri esasynda, Watana bolan söýgi we watançylyk ruhunda terbiýeçilik işlerini guramak bilen baglanyşykly görkezmeleri berdi.

Mejlisiň dowamynda döwlet Baştutanymyz ýurdumyzda her ýylyň 9-njy maýynda 1941–1945-nji ýyllaryň Beýik Watançylyk urşunda gazanylan Ýeňiş gününiň dabaraly ýagdaýda bellenip geçilýändigini aýtdy. Şunuň bilen baglylykda, Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň sekretaryna, goranmak ministrine şol gün paýtagtymyzyň «Halk hakydasy» ýadygärlikler toplumynda hem-de ýurdumyzyň welaýatlarynda bu baýramçylyk mynasybetli göz öňünde tutulan çäreleriň ýokary guramaçylyk derejesinde geçirilmegini üpjün etmek tabşyryldy.

Baş prokuror S.Mälikgulyýew ýolbaşçylyk edýän düzümi tarapyndan şu ýylyň ýanwar–aprel aýlarynda ýerine ýetirilen işleriň jemleri, düzümleriň birnäçesinde degişli kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň düzgünleriniň ýerine ýetirilişine geçirilen barlaglaryň netijeleri, ähli ulgamlarda kanunçylygyň berk berjaý edilişine gözegçilik boýunça geçirilen çäreler barada hasabat berdi.

Ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy hasabaty diňläp, düzüm böleklerinde sanly ulgamy hem-de işiň öňdebaryjy usullaryny giňden ornaşdyrmak meselesine yzygiderli üns bermegi tabşyrdy.

Soňra içeri işler ministri M.Hydyrow şu ýylyň dört aýynda geçirilen işleriň jemleri, garamagyndaky düzümlerde öňdebaryjy tehnologiýalary ornaşdyrmagyň barşy barada hasabat berdi. Şunuň bilen birlikde, ýurdumyzda jemgyýetçilik-hukuk tertibini üpjün etmek, hukuk bozulmalarynyň öňüni almak, paýtagtymyzda we welaýatlarda ýangyn howpsuzlyk kadalaryny berjaý etmek, ýol-ulag hadysalarynyň öňüni almak boýunça amala aşyrylan işler barada habar berildi. Şeýle hem düzümiň işgärleriniň netijeli gulluk etmegi we mynasyp durmuşy üçin döredilýän şertler, şol sanda ýylyň başyndan bäri ulanmaga berlen degişli desgalar barada hasabat berildi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, içeri işler edaralarynyň ulgamyny ösdürmegiň maksatnamasynyň durmuşa geçirilişini hemişe gözegçilikde saklamagy tabşyrdy. Döwletimizde kanunylygy hem-de hukuk tertibini üpjün etmek, dürli görnüşli hukuk bozulmalarynyň, şol sanda ýol-ulag hadysalarynyň öňüni almak boýunça talabalaýyk çäreleriň görülmeginiň möhümdigi bellenildi. Ähli ýerlerde ýangyna garşy düzgüniň berjaý edilişi hem-de kärhanalarda, edaralarda degişli çäreleri geçirmek babatda aýratyn tabşyryklar berildi.

Ýokary kazyýetiň başlygy B.Hojamgulyýew ýolbaşçylyk edýän düzüminde şu ýylyň başyndan bäri geçirilen işleriň netijeleri, degişli ulgamy ösdürmegiň maksatnamasynyň ýerine ýetirilişiniň barşy barada hasabat berdi. Şeýle hem hormatly Prezidentimiziň ozal beren tabşyryklarynyň ýerine ýetirilişiniň, sanly ulgamy ornaşdyrmagyň barşy, işgärler düzümini pugtalandyrmak boýunça geçirilen çäreler barada maglumat berildi.

Döwlet Baştutanymyz häzirki döwrüň talaplary hem-de Watanymyzy ösdürmegiň ileri tutulýan strategik ugurlary kazyýet-hukuk ulgamynyň mundan beýläk-de kämilleşdirilmegini şertlendirýär diýip belledi. 2

# Halkara ulag-logistika hyzmatdaşlygy pugtalandyrylýar

***3-4-nji maýda Türkmenistanyň Söwda-senagat edarasynyň binasynda «Halkara ulag-üstaşyr geçelgeleri: özara arabaglanyşyk we ösüş – 2023» atly II halkara maslahat we sergi geçirildi.***





Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginiň «Türkmen Forum» hojalyk jemgyýeti bilen bilelikde guran forumyna dünýäniň 40 ýurdundan 400-den gowrak wekil gatnaşdy. Şolaryň hatarynda ugurdaş döwlet we hususy düzümleriň işgärleri, bilermenler, maýadarlar, halkara guramalaryň, maliýe institutlarynyň, BMG-niň, ÝHHG-niň, Bütindünýä bankynyň, Aziýanyň ösüş bankynyň, Türkmenistandaky diplomatik wekilhanalaryň, ýurdumyzyň we daşary ýurtlaryň köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleri bar.

Halkara foruma «Vitol», «Meno Logistics», «Boeing», «Dragon Oil», «Fly Dubai», «Airbus», «Cargolux», «Lufthansa Consulting» ýaly halkara logistika we ekspeditorçylyk kompaniýalarynyň, Howa ulaglarynyň halkara assosiasiýasynyň, Halkara gämiçilik edarasynyň, Halkara awtomobil ulaglary birleşiginiň, Demir ýollaryň arasyndaky hyzmatdaşlyk guramasynyň, Halkara ulag forumynyň, «USAID Central Asia» maksatnamasynyň, Merkezi Aziýadaky Korollyk logistika we ulag institutynyň wekilhanasynyň wekilleri we başga-da köp sanly hünärmenler, şeýle hem ýurdumyzyň Hökümet agzalary, ministrlikleriň, pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň ýolbaşçylarydyr wekilleri, logistika kompaniýalary, talyplar gatnaşdylar.

Söwdany ýönekeýleşdirmek boýunça sebitiň ýurtlarynyň kuwwatlyklaryny hem-de erkin senagat zolaklarynyň mümkinçiliklerini giňeltmek, halkara kommunikasiýalarda milli ulag kärhanalarynyň işine ýardam bermek, ýurdumyzyň döwlet edaralary, iri logistika institutlary bilen ulag-logistika ulgamlarynda ýöriteleşen halkara guramalaryň arasynda hyzmatdaşlygy pugtalandyrmak utgaşykly görnüşde geçirilen maslahatyň we serginiň esasy maksadydyr.

Sergide iri senagat kärhanalary, ulag-logistika merkezleri, ulag serişdelerini öndürijiler, logistika merkezlerini enjamlar bilen üpjün edýän kärhanalar, ätiýaçlandyryş kompaniýalary, elektron söwda ulgamyndaky IT kompaniýalar, GDA-nyň, ýakyn we alysdaky daşary ýurtlaryň deňiz portlary, howa menzilleri, demir ýol ulagy edaralary öz diwarlyklaryny ýerleşdirdiler. Mundan başga-da, sergidäki diwarlyklarda döwrebap ulag ulgamlarynyň we enjamlarynyň ähli görnüşleri, ulag kommunikasiýalarynyň dürli görnüşleriniň gurluşygyny taslamalaşdyrmak, abatlamak we hyzmat etmek üçin tehnologiýalar, tehnikalar, ýük we ýolagçy daşamak boýunça hyzmatlar, dolandyryş ulgamlary, ulag-logistika üçin maglumat we hyzmat ulgamlarynyň gazananlary görkezildi.

Ýurdumyzyň ulag-logistika düzümleriniň döwrebaplaşdyrylmagy Ýewraziýa giňişliginde durnukly ösüşi, howpsuzlygy berkitmek işinde giň mümkinçilikleri açýar. Bu bolsa asyrlaryň dowamynda ýurtlarydyr halklary birleşdiren Beýik Ýüpek ýolunyň täze görnüşde dikeldilmeginde aýratyn ähmiýete eýedir. «Türkmenawtoulaglary», «Türkmendemirýollary», «Türkmendeňizderýaýollary», «Türkmenhowaýollary», «Türkmenaragatnaşyk» agentlikleriniň ýokary netijeli ulag düzümleriniň döredilendigini açyp görkezýän köp sanly diwarlyklary munuň aýdyň subutnamasydyr. Bu düzümler ýük we ýolagçy daşamaga bolan islegleri kanagatlandyrmaga, ýurdumyzyň logistika kärhanalarynyň içerki we daşarky bazarlardaky amala aşyrýan işleriniň, hyzmatlarynyň bäsdeşlige ukyplylygyny üpjün etmäge, maýa goýum işjeňligi üçin oňyn şertleri döretmäge gönükdirilendir.

Serginiň çäklerinde «Balkan» gämi gurluşyk we abatlaýyş zawody önümçilik ulgamynyň tehnologik ugurlaryny görkezdi. Ýurdumyzda täze döredilen we netijeli iş alyp barýan bu kärhana milli gämi gurluşyk ugruny ösdürmek üçin esasy binýat bolup durýar. 2

## Kämil kanunçylyk – döwrebap ösüşler



**Şu ýylyň 20-nji aprelinde türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň başlyklyk etmeginde Maslahatlar merkeziniň binasynda Halk Maslahatynyň mejlisi geçirildi. Taryhy mejlisde Milli Liderimiz bu ýokary wekilçilikli edaranyň işiniň esasy ugurlaryny kesgitledi, şeýle-de ýerine ýetiriji häkimiýeti özgertmek, döwlet dolandyryş ulgamynyň işini düzgünleşdirmek we onuň netijeliligini ýokarlandyrmak barada garaýyşlaryny beýan etdi.**

**Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda döwleti we jemgyýeti mundan beýläk-de demokratiýalaşdyrmak, raýatlaryň hukuklaryny, azatlyklaryny giňeltmek, ýokary aň-düşünjeli, beden taýdan sagdyn şahsyýetleri kemala getirmek babatda giň gerimli işler amala aşyrylýar.** 3

## Ýangyç-energetika pudagynda halkara hyzmatdaşlygy




Her ýyl paýtagtymyz Aşgabatda hem-de daşary ýurtlarda geçirilýän halkara maslahatlar ýurdumyzyň energetika giňişligine işjeň goşulyşmagynda möhüm ähmiýete eýedir.

Golaýda Birleşen Arap Emirlikleriniň Dubaý şäherinde geçirilen Türkmenistanyň nebitgaz pudagyna daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmek boýunça halkara forum dünýäniň öňdebaryjy kompaniýalarynyň wekillerini jemlemek bilen, nebitgaz pudagy üçin täze hyzmatdaşlary ýüze çykardy. Forumda ýangyç-energetika toplumynda sebit we dünýä derejeli meseleler barada özara pikir alşyldy. Şolaryň hatarynda uglewodorodlary düýpli gaýtadan işlemegiň täze tehnologiýalaryny giňden ornaşdyrmak, maýa goýumlary çekmek, türkmen energiýa serişdeleriniň dünýä bazarlaryna ugradylmagyny diwersifikasiýa ýoly bilen ösdürmek, ýurduň eksport kuwwatyny artdyrmak wezipeleri bar. 3

## Magtymgulynyň edebi mirasy – gymmatly hazyna



**Gündogaryň beýik akyldary we nusgawy şahyry Magtymguly Pyragynyň döredijiliginde halkyň milli medeni üstünligini, ylmy rowaçlygyny, döredijilik ussatlygyny, çeperçilik ukybyny, durmuş paýhasyny we zehinini dabaralandyrýan, mähriban Watanymyzyň demirgazyk sebitinde ýerleşýän aýratyn taryhy ähmiýetli gymmatlyklaryň iň oňat nusgalarynyň atlarynyň birnäçesine duş gelmek bolýar. Muňa mysal hökmünde dana şahyryň alty bentli «Şypa ber» atly goşgusynda:**

***Hywanyň ýurdunda ýatan jenanlar,***
***Ýa Ysmamyt, är Pälwan şypa ber!***

**diýip bellenilýän jadyly, hikmetli, ruhlandyryjy setirlerini agzamak bolar.** 3

## Dubaýda iýmit önümleriniň festiwaly geçirilýär



Dubaý Ýakyn Gündogaryň iň uly aşpezlik çäresi bolan 10-njy Dubaý iýmit festiwalynyň çäginde dünýäniň dürli künjeklerinden gelen syýahatçylary ýene bir gezek garşy alýar. 4

## Saça ideg etmegiň usullary

Saçy ýuwmak we guratmak gündelik işiň bir bölegini düzüp, saça ideg etmekde dogry usullary ulanmak esasy şertleriň biri bolup durýar. 5



## Ilkinji gezek kuboga mynasyp boldy

Fransiýanyň Kubogy ýaryşynyň finalynda geçen ýylyň ýeňijisi «Nant» bilen «Tuluza» topary duşuşdy. 6



# KÄMIL KANUNÇYLYK – DÖWREBAP ÖSÜŞLER

Başlangyjy 1-nji sahypada.

Şeýle özgertmeler Arkadagly Serdarymyzyň «Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» diýen ylmy-tejribe taýdan esaslandyrylan taglymatynyň iş ýüzünde durmuşa geçirilýändigini görkezýär. Döwrümiziň «Döwlet adam üçindir!» diýen ynsanperwer ýörelgesi bilen berk sazlaşykly bu taglymat täze eýýamyň milli ideologiýasynyň özenini düzýär we halkymyzy



beýik üstünliklere ruhlandyrýar. Ýurdumyzda raýat jemgyýeti ähli taraplaýyn ösdürilýär, halk häkimiýetliliginiň täze institutlary döredilýär we kämilleşdirilýär.

Türkmenistan häzirki wagtda ösüşleriň we beýik özgertmeleriň ýoly bilen ynamly öňe barýar. Şunda durmuşa geçirilýän özgertmeleriň, alnyp barylýan giň gerimli işleriň kanunçylyk-hukuk binýadyny has-da kämilleşdirmek döwrüň möhüm talaplarynyň biridir. Gahryman Arkadagymyzyň başlangyçlary we taýsyz tagallalary bilen, bu ugurda giň gerimli özgertmeler amala aşyrylyp, halk häkimiýetliliginiň wekilçilikli edaralar ulgamynyň milli nusgasy döredildi hem-de yzygiderli kämilleşdirilýär. Umumy ykrar edilen halkara tejribeden, döwrüň öňe çykarýan möhüm talaplaryndan ugur alynmagy, ata-babalarymyzdan gelýän milli ýol-ýörelgelerimize, asylly däplere eýerilmegi onuň esasy aýratynlyklarynyň biridir.

Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň işini kadaly alyp barmak üçin onuň Prezidiumynyň – Halk Maslahatyna hasabat berýän, hemişelik hereket edýän kollegial edaranyň döredilmegi, onuň düzüminiň kesgitlenilmegi aýratyn ähmiýetli wakadyr.

Milli Liderimiziň Halk Maslahatynyň mejlisindäki çykyşynda ýurduň geljegi, ýaş nesilleriň döwletiň, halkyň öňündäki jogapkärçiligini ýokarlandyrmak, adamlaryň, şeýle hem döwlet häkimiýetiniň wekilçilikli edaralarynyň, ýerli öz-özüňi dolandyryş ulgamlarynyň syýasy-jemgyýetçilik, guramaçylyk işjeňligini artdyrmak, raýat jemgyýetiniň ornuny pugtalandyrmak baradaky alada bütin aýdyňlygy bilen orta çykdy.

Milli Liderimiz telekeçiligi goldamak, ýurdumyzda öndürilýän önümleriň möçberini, içerki bazarlarda azyk bolçulygyny artdyrmak, täze önümçilikleri we iş orunlaryny döretmek, ilaty ýaşaýyş jaýlary bilen üpjün etmek ýaly çäreleriň Halk Maslahatynyň işinde esasy üns berilmeli ugurlardygyny belledi.

Milli Liderimiziň giňişleýin çykyşynda öňe süren pikir-garaýyşlary biziň hemmämiziň döwrüň talaplaryndan ugur alyp, has-da netijeli işlemegimiz üçin ýolgörkeziji çelgidir. Çünki ol çykyşda möhüm wezipeler, tabşyryklar, işe täzeçil, döwrebap çemeleşmegiň netijeli usullary anyk beýan edildi. Hormatly Arkadagymyzyň öňde goýan wezipeleri jemgyýetiň döredijilik ösüşini üpjün etmäge gönükdirilendir.

Häzirki döwürde amala aşyrylýan kanunçylyk özgertmeleri Türkmenistanyň Konstitusiýasyndan, halkara hukuk kadalaryndan, ýurdumyzy mundan beýläk-de durmuş-ykdysady taýdan ösdürmek babatda kabul edilen maksatnamalardan we çözgütlerden ugur alýar. Gahryman Arkadagymyz Halk Maslahatynyň mejlisinde öňde duran wezipeleri üstünlikli ýerine ýetirmegiň kanunçylyk esaslaryna ünsi çekdi. Şunuň bilen baglylykda, kanun çykaryjylyk işini kämilleşdirmek aýratyn wajyp ähmiýete eýe bolýar. Bu bolsa kabul edilýän hukuk namalarynyň hiliniň ýokarlanmagyna, raýatlaryň hukuklarynyňdyr azatlyklarynyň kepillikleriniň güýçlendirilmegine, döwletiň, jemgyýetiň we raýatyň bähbitleriniň deňagramlylygyna oňyn ýardam eder.

**Kakageldi BUGRAÝEW,**
*Kärdeşler arkalaşyklarynyň Milli Merkeziniň maliýe-ykdysady bölüminiň başlygy, baş hasapçysy.*

# ÝANGYÇ-ENERGETIKA PUDAGYNDA HALKARA HYZMATDAŞLYGY

Başlangyjy 1-nji sahypada.

Forumyň dowamynda dünýä energetikasynyň geljeginde Türkmenistanyň orny, Türkmenistanyň energetika pudagyna maýa goýumlary goýmagyň mümkinçilikleri, uglewodorod ýataklaryny özleşdirmekde daşky gurşawy goramagyň talaplary, täze döwrüň energiýasy – içerki we sebitleýin ösüşiň geljegi, Türkmenistanda täze energiýa çeşmeleriniň diwersifikasiýasyny maliýeleşdirmek ýaly bölümlerde tebigy gazy, nebiti we gaz kondensatyny çykarmak hem-de



gaýtadan işlemek, Hazar deňziniň türkmen böleginde ýerleşýän ygtyýarlandyrylan deňiz toplumlaryny özleşdirmek, sebit üçin möhüm ähmiýeti bolan Türkmenistan–Owganystan–Pakistan–Hindistan gaz geçirijisiniň gurluşygy, gory boýunça dünýäde öňdäki orunlaryň birini eýeleýän «Galkynyş» gaz känini tapgyrlaýyn esasda özleşdirmek işlerine maýa goýmak boýunça mümkinçilikler barada gyzykly çykyşlar diňlenildi.

«Türkmengaz», «Türkmennebit» we «Türkmenhimiýa» döwlet konsernleri, «Türkmengeologiýa» döwlet korporasiýasy tarapyndan «Türkmen Forum» hojalyk jemgyýeti bilen hyzmatdaşlykda, «Gaffney Cline» britan kompaniýasynyň goldaw bermeginde guralan göçme forum nebitgaz bazarynda möhüm orny eýeleýän Türkmenistanyň dünýäniň ýangyç-energetika bazaryndaky ornuny has-da berkitdi.

Bu forumda «Galkynyş» gaz käniniň ähmiýeti barada durlup geçildi. Bu gaz käniniň gorlary golaýyndaky «Ýaşlar» we «Garaköl» ýataklary bilen bilelikde 27,4 trillion kubmetr möçberinde bahalandyrylýar. «Galkynyş» käniniň üçünji tapgyrynyň özleşdirilmegi bolsa Türkmenistan–Owganystan–Pakistan–Hindistan gaz geçirijisi boýunça her ýylda harytlyk gazyň 33 milliard kubmetrini ibermäge mümkinçilik berer. Şeýle hem bu gaz käniniň giňden özleşdirilmegi Türkmenistandan Hytaýa iberilýän tebigy gazyň möçberini hem artdyrmaga giň mümkinçilik berer.

Nygtalyşy ýaly, Hazar deňziniň günorta we merkezi bölekleri Türkmenistana degişli bolup, uglewodorod serişdeleriniň uly gorlaryny özünde jemleýär. Hazaryň türkmen kenary ygtyýarlandyrylan bloklaryň 32-sine bölünip, ýerli geologlaryň we daşary ýurtly bilermenleriň pikirine görä, onuň uglewodorod serişdeleriniň umumy mukdary 18,2 milliard tonna nebit ekwiwalentine deňdir. Şoňa görä-de, bu ugurda hem halkara hyzmatdaşlygy barada giňişleýin gürrüňler edildi. Hususan-da, «Dragon Oil» kompaniýasynyň bu sebitde köp möçberde maýa goýumlary özleşdirendigini, ýene-de geljek ýyllarda iri maýa goýumlar bilen hyzmatdaşlygyň gerimini giňeltmegi maksat edinýär.

Ýangyç-energetika ulgamynda hyzmatdaşlygyň häzirki döwürde dünýädäki durnukly ösüşiň esasy şerti bolup durýandygy göz öňünde tutulanda, forumyň netijeleriniň bu möhüm ulgamda özara bähbitleriň deňagramlylygy esasynda guralýan deňhukukly halkara hyzmatdaşlygy täze derejelere çykarmakda giň gözýetimleri açjakdygy şübhesizdir.

Hormatly Prezidentimiz foruma gatnaşyjylara iberen Gutlagynda: «Dubaý şäherinde geçirilýän bu halkara forumyň Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe uglewodorod serişdeleriniň ägirt uly gorlaryna eýe bolan Türkmenistanyň nebitgaz pudagyna maýa goýumlary işjeň çekmäge, iri daşary ýurt kompaniýalary bilen netijeli hyzmatdaşlygy ýola goýmaga we ösdürmäge, önümçiliklere ylmyň soňky gazananlaryny ornaşdyrmaga ýardam etjekdigine ynanýaryn» diýip belleýşi ýaly, ýurdumyzyň ýangyç-energetika bazaryna daşary ýurt kompaniýalarynyň uly gyzyklanmasy bar.

**Tawus MUHAMMETDURDYÝEWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

# SANLY BILIM – ÖSÜŞLERIŇ MIZEMEZ BINÝADY

Durnukly ösüşi gazanmagyň ýolunda häzirki zamanyň iň kämil maglumat tehnologiýalary bilen hemmetaraplaýyn üpjün edilen ösen jemgyýeti kemala getirmek hormatly Prezidentimiziň toplumlaýyn başlangyçlarynyň özenini düzýär. Şoňa baglylykda, Türkmenistanda bilim bermegiň ähli basgançaklaryna sanly bilim ulgamyny giňişleýin ornaşdyrmak işleri giň gerime eýe bolýar. Ýurdumyzda çagalar ak mekdebiň gapysyndan ätlän ilkinji gününde okuw üçin gerekli bolan programmalar bilen üpjün edilen kompýuterleri sowgat alýarlar. Munuň özi ýaş nesliň döwrebap tehnologiýalar bilen has ir we içgin tanyşmagyna hem-de geçýän okuw derslerini täsirli özleşdirmegine ýardam edýär.

Häzirki döwürde ähli bilim ojaklarynda sapak geçmegiň işjeň interaktiw usullary giňden ornaşdyrylýar. Interaktiw görnüşde sapak geçmek usuly has-da daşary ýurt dili öwredilende özüniň ýokary netijelerini berýär. Okuw sapaklary interaktiw usul arkaly guralanda geçilýän sapak manyly, gyzykly we netijeli bolýar. Sapak okuwçylary, talyplary ýadatmaýar. Öwredilýän zatlar ýatda galyjy bolup, talyplaryň işjeňligini artdyrýar. Talyplarda öwredil-



ýän zatlar bilen bilelikde täze tehnologiýalara, onuň giň mümkinçiliklerine bolan düşünjesi giňäp, döwrebap tehnologiýalaryň işleýşi, ondan peýdalanmagyň düzgünlerini ele alýarlar. Okatmagyň dürli görnüşlerini özünde jemleýän bu usul talyplaryň akyl-aň derejesini kämilleşdirmegiň, ukyplarynyň artmagynyň iň bir ygtybarly usuly hökmünde öňe sürülýär. Ýurdumyzda bilim ulgamynda durmuşa geçirilýän öwretmegiň interaktiw usuly talyp bilen mugallymyň arasyndaky gatnaşyklaryň dürli görnüşlerini ygtybarly üpjün edýär.

Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýylynda okatmagyň interaktiw usulynyň berk binýadyny döredýän we giň maglumat goruny üpjün edýän ähli bilim ojaklarynyň sanly ulgamlaryny bir umumy tora birikdirmek işi ýurdumyzda üstünlikli dowam edýär. Şeýle hem umumy tora degişli maglumatlary ýygnamak boýunça alnyp barylýan işler oňyn netijelerini berýär. Bilim ulgamynyň sanly giňişligi döredilende dünýäniň ösen bilim ulgamlary bilen baglanyşdyrmak işlerine hem aýratyn ähmiýet berilýär. Ýurdumyzyň ähli ýokary okuw mekdeplerinde sanly bilim ulgamyny peýdalanmak arkaly okuw kitaplaryny elektron görnüşe geçirmek, her aýda talyplaryň bilimlerini barlamak üçin internet torunyň üsti bilen sowalnamalary almak, beýleki ýokary okuw mekdepleri bilen elektron okuwlaryny ýola goýmak işleri sanly ulgamyň hyzmatlarynyň giňişleýin ulanylýandygynyň aýdyň mysalydyr.

«Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022–2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasyny» üstünlikli durmuşa geçirmegiň barşynda ýurdumyzyň ähli bilim ojaklary kompýuter tehnologiýalary, multimediýa tagtalary, lingafon otaglary bilen yzygiderli üpjün edilýär. Bu üstünlikler ýurdumyzda sanly bilim ulgamynyň ýeten sepgitleri bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Hormatly Prezidentimiziň alyp barýan bilim özgertmeleriniň esasynda ýurdumyzyň ylym-bilim kuwwatynyň täze belentliklere çykarylmagy netijesinde talyp ýaşlar söýýän hünärini saýlamak bilen, häzirki wagtda döwrebap bilim we kämil terbiýe alýarlar.

**Döwran ANNANEPESOW,**
*Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň mugallymy.*

# ULAG-LOGISTIKA ULGAMY – DÖWRÜŇ MÖHÜM PUDAKLARY

Hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallalary netijesinde ýurdumyzda häzirki zaman ulag-üstaşyr logistik düzümler, aragatnaşyk we telekommunikasiýa ulgamy kemala getirilýär. Munuň özi Beýik Ýüpek ýolunyň döwrebap derejede, täze röwüşde dikeldilýändiginiň aýdyň mysalydyr.

Gahryman Arkadagymyz «Türkmenistan – Beýik Ýüpek ýolunyň ýüregi» II jiltlik kitabynda: «Ulag-aragatnaşyk ulgamynda bar bolan giň mümkinçilikleri durmuşa ornaşdyrmak we olary täze ykdysady derejä ýetirmek arkaly iňňän ýokary netijeleri gazanyp, bu ugurda işjeň hereket edýändigimiz hem bellenilmeli ýagdaýdyr» diýip nygtamak bilen, Türkmenistanda köpugurly ulag-aragatnaşyk infrastrukturasynyň döredilmeginiň, ilkinji nobatda, milli ykdysadyýetimizi maksadalaýyk ösdürmäge hem-de ahyrky netijede türkmen halkynyň eşretli ýaşaýşyny ýokarlandyrmaga, durmuş häsiýetli maksatnamalary amala aşyrmaga mümkinçilik berýändigini aýratyn belleýär.

Halkara ýük daşalyşy amala aşyrylanda dürli döwletleriň çäklerinden geçmeklik zerurlygy ýüze çykýar. Ulag logistikasy amala aşyrylanda ulag görnüşleriniň we amatly ugruň dogry saýlanylyp alynmagy, ýükleriň öz wagtynda çalt we arzan alyja gowşurylmagyna täsir edýär. Şunuň bilen baglylykda, ulag logistikasy – ulag ulgamynyň ähli ugurlaryny özünde jemleýän, ykdysady pudaklary baglanyşdyrýan düşünjedir.

Türkmenistan BMG-niň çäklerinde halkara gatnaşyklarynda işjeň orny eýelemek bilen, anyk başlangyçlary öňe sürýär. Şunuň bilen baglylykda, transmilli ulag geçelgelerini döretmek boýunça daşary ýurtly hyzmatdaşlar bilen bilelikde giň möçberli düzümleýin taslamalary durmuşa geçirýär. Türkmenistanyň ulag ulgamynda gazanan üstünlikleriniň we halkara derejesinde abraýynyň has-da pugtalanmagynyň aýdyň mysallary hökmünde şu günler geçirilýän halkara maslahat hem aýdyň subutnamadyr.

Mälim bolşy ýaly, ýurdumyzda iri halkara ulag forumlarynyň ençemesi geçirildi. Muňa mysal edip, 2016-njy ýylyň 26-27-nji noýabrynda Durnukly ulag ulgamy boýunça Ählumumy maslahatyny, 2017-nji ýylyň maýynda Ýewraziýa yklymynda üstaşyr-ulag hyzmatdaşlygyny köpugurlaýyn ösdürmek meselesine bagyşlanan



Ulag we logistika boýunça halkara maslahatyny, «Awaza» milli syýahatçylyk zolagyndaky deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletleriň ulag ministrleriniň derejesindäki halkara maslahaty görkezmek bolar.

Umuman, döwlet Baştutanymyzyň başlangyjy bilen Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyz gadymy Beýik Ýüpek ýolunyň möhüm halkasy, hereketlendiriji güýji bolmak bilen, halkara ulag-logistika ulgamynyň ösüşinde wajyp orny eýeleýär. Ulag-logistika pudagynyň yzygiderli ösdürilmegi durmuş-ykdysady ösüşler bilen özara sazlaşygy emele getirip, halkara hyzmatdaşlygyň, dünýä ýurtlary bilen dostluk we doganlyk gatnaşyklarynyň giňeldilmegine oňaýly täsir edýär.

**Oguljemal AKYÝEWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

# MANYLY ÖMÜR – NUSGALYK ÖMÜR

Türkmen halky asyrlarboýy kitaba uly hormat bilen garap, ony mukaddeslige deňeýär. Sebäbi ruhy hazyna hakydaňda öçmejek gymmatlykdyr. Şöhratly taryhymyzda ençeme söz ussatlarymyzyň, akyldarlarymyzyň, danalarymyzyň miras galdyran ylmy we çeper eserleri kalbymyzda hemişe ruhubelentligi, hoşniýetliligi, ylym-bilime bolan söýgini, Watan, il-gün mukaddesligini has belent derejelere ýetirýär.

Gahryman Arkadagymyzyň paýhasyndan dörän kitaplar halkyň köňül guşuny ganatlandyrýar. Çünki bu kitaplar pähim-paýhasa, çuňňur many-mazmuna ýugrulyp, okyja ajaýyp duýgulary bagyş edýär. «Älem içre at gezer», «Döwlet guşy» atly ajaýyp romanlar okyjylar tarapyndan uly gyzyklanma bilen okalýan eserlere öwrüldi. Baş gahrymanlary hakyky durmuşdan alnan şahsyýetler, durmuşyň hakyky wakalaryny çeper beýan edýän bu eserler okyjylaryň söýgüsini gazanyp, iň söýgüli esere öwrüldi. Hakyky durmuş wakalary çeper beýan edýän bu kitaplaryň ýyl geçdigiçe okyjysy artýar.

Gahryman Arkadagymyň döredijilik miwesi bolan «Ömrümiň manysy» atly kitaby okyjylar tarapyndan köp soralýan we okalýan söýgüli kitaba öwrüldi. Alym Arkadagymyzyň egsilmez pähim-paýhasyny, baý durmuş tejribesini, giň dünýägaraýşyny özünde jemleýän bu kitaby çuňňur filosofik many-mazmunly, taryhy, medeni we geografik ensiklopediýadyr. Kitapda taryhymyza, paýhasly pederlerimiziň döreden gymmatlyklaryna, halkymyzyň müňýyllyklaryň dowamynda nesilden-nesle geçip gelýän asylly däp-dessurlaryna, eziz Diýarymyzyň häzirki döwründäki ösüşlerine aýratyn ähmiýet berilýär. Şeýle-de, şu günüň we geljegiň beýik başlangyçlary öňe sürülýär.

Türkmen halkynyň Milli Lideriniň bu ajaýyp kitabyny okaýarkaň, halkymyzyň ýaşaýyş medeniýetiniň baýlygyna, giňdigine, çuňdugyna we dowamat-dowamlygyna göz ýetirýärsiň. Çünki kitapda türkmen halkynyň ýaşaýyş-durmuşynyň ähli ugurlaryny öz içine alýan däp-dessurlar, urp-adatlar, kadalar, mukaddes ýörelgeler jikme-jik beýan edilýär.

Kitabyň «Ömrümiň manysy» diýip atlandyrylmagynyň uly manysy bar, çünki Gahryman Arkadagymyz manyly durmuş ýolunda ençeme ýylyň dowamynda türkmen jemgyýetine sagdyn ýaşaýyş-durmuş ýörelgelerini ornaşdyrmakda, döwletimiziň Ýer ýüzündäki abraýyny has-da beýgeltmekde, halkymyzyň baý milli mirasyny dünýä ýaýmakda ägirt uly işleri alyp bardy.

Bu kitapda akyldarlaryň, alymlardyr şahyrlaryň baý döredijiligine, halk paýhasyndan dörän nakyllardyr atalar sözlerine salgylanylýar. Olaryň many-mazmuny barada çuňňur pikir ýöredilýär. Gahryman Arkadagymyz atalar sözlerinde ajaýyp gymmatlyk-häsiýetli, gowy terbiýeli, hünärli bolmak, käriňde kämilleşmek, ýoluňy dogry saýlamak bilen baglanyşykly durmuş kanunlarynyň hemmetaraplaýyn düşündirilýändigini, şunda ene-atanyň, halypanyň



ornuna ullakan ähmiýet berilýändigini nygtaýar.

Kitapda şeýle setirler bar: «Nesillerimizi ýetişdirmek bilen biz öz geljegimizi gurýarys. Bu meselede halypalaryň egnine juda mukaddes borç, edil şonuň ýaly hem, uly wezipe düşýär. Meniň bu ýerdäki «halypalar» diýýänim, ilkinji nobatda, ata-enelerdir, terbiýeçilerdir, mugallymlardyr, dürli ugurlardan öz işine ussat adamlardyr». Ynha, şu parasatly sözler her bir mugallym, terbiýeçi, dürli ulgamlarda öz işine ussat işgärler üçin ruhlandyryjydyr. Şonuň üçinem şeýle sözleriň çuňňur many-mazmunyna düşünip, bu asylly ýörelgelere eýerýäris.

Goý, türkmen halkynyň kitaba bolan çäksiz söýgüsi nesillerimiziň mukaddes ýörelgelerine öwrülsin!

**Aýjemal BAÝRAMOWA,**
*Aşgabat şäher medeniýet müdirliginiň Merkezleşdirilen kitaphanalar ulgamynyň direktorynyň orunbasary.*

# MAGTYMGULYNYŇ EDEBI MIRASY – GYMMATLY HAZYNA



Başlangyjy 1-nji sahypada.

Akyldar şahyr goşguda taryhy-jemgyýetçilik ösüşlerde uly hyzmatlary bitiren, umumyhalk söýgüsinde döredijilik ukyplaryň kämillik derejesi bilen şöhratlanan, edebi däpleriň meňzeşliginde we umumylygynda köp duş gelýän 20-ä golaý şahsyýetleriň atlaryny hormat bilen agzap geçip, olardan medet, şepagat, muhabbet isleýär.

Şolaryň hatarynda Ysmamyt-är Pälwan toponimik adalgasynyň, geografik toplumynyň çägi Demirgazyk Türkmenistan bilen baglanyşykly diýsek ýalňyşmarys. Ysmamyt ata taryhy arhitektura toplumy Görogly etrabynyň merkezinden 14 kilometr günortagünbatarda, häzirki Zaman geňeşliginiň «Öwläboýy» obasynda ýerleşýär. Uzak asyrlaryň dowamynda taryhy-medeni gurşawda kemala gelen we binagärlik sungatynyň täsin, özboluşly monumental eseri hökmünde ýaşaýşyň gadymy yzlaryny, geçmişiň syrly, jadyly dünýäsini özünde jemläp oturan, kaşaň we haşamly Ysmamyt ata taryhy arhitektura toplumy sebitiň çäklerindäki irki orta asyr Hywa şäherinden 67 kilometr günbatarda ýerleşýär. Geçmişde bu mekan gadymy Ýüpek ýolunyň ugrunda Watanymyzyň dürli çäklerinden geçen köp gatnawly, esasy kerwen ýollarynyň ugrunda IX-XVIII asyrlar aralygynda söwda, jemgyýetçilik we durmuş maksatlaryna gönükdirilen orta asyr kerwensaraý nokatlarynyň iň ulusy, giň düşelgeli merkezi, medeniýetiň mertebeli, şöhratly ojagy hasap edilendigi ylmy edebiýatlarda bellenilýär. Günortasy ümmülmez Garagumuň şähraýy oazisleri, süýji suwlary bolluk bilen lemmer atýan Türkmenderýa we halkara «Dostluk» zeý akabalary bilen serhetleşýän bu ýadygärligiň töweregine etrabyň gür ilatly oturymly obalary ýerleşýär. Orta asyryň gömükli ýazarlary Abdyrahman Jamynyň, Alyşir Nowaýynyň, Hüseýin Wagyz Kaşifiniň, Kemaleddin Hüseýin Gäzergähiniň, Lutfulla beg Azer Begdiliniň, Şemseddin Samy begiň, Feredidin Attaryň eserlerini Ysmamytär Pälwan baradaky ilkinji we iň kämil edebi, taryhy çeşmeler hökmünde hasaplamak bolar. Bu toplumyň düzümine girýän ymaratlaryň gurluşygy bina edilen ýaş seneleri boýunça üç topara bölünýän medeni gatlaklar arkaly tapawutlandyrylyp, ol 150 gektara golaý gorag çäklerini öz içine alýar. Birinji toplumyň medeni gatlaklary Eşret gala diýlip atlandyrylýar. Bu galada geçmişde şalaryň köşgüniň, zikgehananyň, suwaryş ulgamynyň irki galyndylarynyň, goranyş berkitmeleriň, şähristanlygyň bolandygy taryhy gollanmalarda bellenilip geçilýär. Bu gala irki orta asyr ahemenitler zamanynyň, kuşanlar döwrüniň taryhy ösüşlerindäki gymmatlyklaryň tapgyry bilen ýaşytdaş hasap edilýär. Ikinji toplumyň düzümini Ysmamyt ata binagärlik toplumynyň hatary emele getirýär. Bu toplum 7 sany gadymy binany öz içine alýar. Olar Ysmamyt ata aramgähi, türbedi (meýdany 20 inedördül metre deň), üç sany dürli görnüşli hanaka otagy (her biriniň meýdany 16 inedördül metre deň), bir sany Daşköçe (ini 4 metr, boýy 36 metr), gyşky we ýazky metjitler, medrese (18 sany okuw otagly hüjreler) we mütewelliler howlusy diýlip atlandyrylýar. Bu toplumyň binalarynyň hataryndaky ymaratlaryň XIII-XIV asyrlarda tapgyrlaýyn gurlandygy alymlaryň ýazgylarynda ýatlanylýar. Ýadygärliklerde iň soňky gezek XIX asyrda Abdyrahman Mähter tarapyndan abatlaýyş we abadanlaşdyryş işleri geçirilipdir. Toplumyň düzümindäki ymaratlar diwarlarynyň galyňlygy, düýbüniň tutulyşynyň çuňlugy, gurluşyk önümleri üçin peýdalanylan erginleriniň örän kämildigi, berkligi bilen tapawutlanmak bilen, olarda ýazuw medeniýetiň, oýma neçjarçylyk, nakgaşçylyk, amaly-haşam sungatynyň gözellikleriniň täsin nusgalary köp duş gelýär. Ysmamyt ata aramgähiniň peştagynyň ýüzi gündogar tarapa bakdyrylyp gurlupdyr. Köp toplumly, beýik we köp gümmezli gömüşi boýunça sebitde ýeke-täk, iň gadymy we iň meşhur binagärlik toplumy diýlip hasap edilýän Ysmamyt ata aramgähi köpsanly taryhy, edebi çeşmelerde kuwwatly Köneürgenç Türkmen döwletinde tasawwuf, tarykat, magryfet, şerigat amallarynyň, ylahy bilimleriň iň uly wekili hökmünde ykrar edilen, Demirgazyk Türkmenistanda orta asyrlarda şygryýetde çeper rubagyçylyk ugrunyň milli mekdebini esaslandyran, ebedi edebi soltanlygyň bilbili hasap edilýän Mahmyt Pälwandygy bellenilýär. Bu toplumyň üçünjisi XX asyryň dowamynda bina edilen desgalaryň birnäçesini öz içine alýar. Halk ynançlaryna görä, Ysmamyt ata possun tikmegiň, jykyr, howuz gurmagyň we nowa çekmegiň, arassa ahlak edebiň, beden synalaryny sagdyn saklamagyň, göreş tutmagyň, uzak ýaşaýan agaçlary ekmegiň, görnüşleri seýrek haýwanlary eldekileşdirmegiň piri hem hasap edilýär. Edebiýaty öwreniş ylmyndaky çeşmelerde bu mekana dana şahyr Magtymgulynyň Hywanyň «Şirgazy han» medresesinde üç ýyl tälim alan döwründe syýahat sapary bilen gelendigi, demirgazyk Türkmenistanyň sebitlerini kämil bilendigi, akyldaryň setirleriniň geografik düşünjeleri, merkezleri takyk şöhlelendirýän pikirleriniň durmuş hakykatynyň çeper hakykat bilen dogry utgaşýandygy, ygtybarly taryhy maglumatlara baýdygy, sebitleriň ýerleşişi barada gymmatly, tebigy aýratynlyklary dürs görkezýändigi çuňňur beýan edilýär. Ýadygärligiň halkara, umumydöwlet we sebit derejesindäki ähmiýetini ylmyň dürli ugurlary arkaly dürli ýyllarda çuňňur öwrenmekde A.Wamberiniň, Ý.W.Steblýugyň, I Goldsiýeriň, Sagyt Nefisiniň, Ý.E.Bertelsiň, W.W. Bartoldyň, N.Mallaýewiň, T.Jelolowyň, G.P.Snesarýewiň, S.P.Tolstowyň, Ý.G.Gulamowyň, A.Ý.Ýakubowskiniň, H. Ýusubowyň, N.Gullaýewiň, A.Täjimowyň, G.Nazarowyň, G.Gurbanowyň, R.Godarowyň hyzmatlary hormat bilen bellenilmäge mynasypdyr. Tanymal halypalar Sadreddin Aýnynyň, B.Kerbabaýewiň, B.Seýtäkowyň, K.Taňrygulyýewiň, Eziz Nesiniň, Durdy Gylyjyň we R.Alyýewiň eserlerinde, şahyrana döredijiliginde Mahmyt Pälwan bilen bagly nusgalyk edebi çeper ýordumlar, meňzetmeler, salgylanmalar köp duş gelýär. Binagärçilik sungatyndaky halkyň döredijilik ussatlygyny we durmuş tejribesinde toplanylan zehini, taryhy üstünlikleriň galkynyşlaryny açyp görkezýän Ysmamyt ata ýadygärlikler toplumyny XIX asyr Hywa taryhçysy Muhammet Reza Agahiniň, Beýanynyň, Şermuhammet Munisiniň tassyklamagyna görä, Hajymuhammet han, Arapmuhammet han, Ilbars han, Owaz Ynak han, Iltizar han, Isfendiýar han özleriniň dürli döwürlerde eden zyýaratlarynda bu mekany iň eziz, mukaddes, togap we tagzym edilýän, myhmansöýerligiň, amatly dynç alşyň we umumyhalk hormatyndaky gözel künjekleriň, yzy üzülmeýän gelim-gidimli gadymy ojaklaryň biri hökmünde ykrar edipdirler.

Döwürleriň arabaglanyşygyny, nesilleriň dowamatlylygyny, köňülleriň bitewüligini özünde jemlemek bilen, bu günki gün täze röwüşdäki baý many-mazmun bilen köptaraply öwrenilýän ýadygärlige dürli döwürlerde ýaşap geçen taryhy şahsyýetleriň - Hywa hanlary Abylgazy Bahadyr hanyň, Allaguly hanyň, Anuşah hanyň, Feruz hanyň, Muhammet Emin Ynagyň, Seýit Muhammet Rahym Bahadur hanyň, Seýit Muhammet hanyň, Gurbanmämmet serdaryň, görnükli çeper söz ussatlary Gaýyby, Andalyp, Zelili, Seýdi, Talyby, Kemine, Hatam şahyr, Aşyk Çaňly, Magrupy, Oraz Aşyky ýaly şahyrlaryň hem zyýarata gelendigi bellenilip geçilýär.

**Dädebaý PÄLWANOW,**
*Görogly etrap häkimliginiň hünärmeni.*

## DÜNÝÄ HABARLARY

gysga setirlerde

**Uniwersitetde professor boldy.** Hytaýly milliarder we «Alibaba Group» kompaniýasynyň esaslandyryjysy Jek Ma («Forbes»-iň sanawynda baýlygy 23,7 milliard dollar) Tokio uniwersitetiniň professory boldy. Bu barada ýokary okuw mekdebiniň beýanatynda mälim edilýär.



**Marsa dikuçar ýollamakçy.** Hytaý Marsyň topragynyň nusgalaryny Ýere getirmek boýunça işde dikuçar ulanar. Hytaý «Týanwen-3» tutumynyň çäklerinde Marsa 2030-njy ýylda iki sany kosmos enjamyny ugradar. Tutumyň maksady Ýere Marsyň topragynyň 500 gramyny getirmekdir. Gonuş ulgamy hökmünde bolsa, dikuçar ulanylar.



**Serial surata düşüriler.** «Lionsgate Television» kompaniýasy Stefani Maýeriň «Alagaraňkylyk» atly romanlar toplumynyň esasynda serial taýýarlaýar. Maglumatlara görä, «Alagaraňkylyk» kitaplar toplumynyň awtory, ýazyjy Stefani Maýeriň serialyň döredilmegine gatnaşjakdygy aýdylýar. Öň, Maýeriň kitaplary üstünlikli ekranlaşdyrylypdy.



**«Titanigiň» şekilinde öý gurýar.** Hindistanyň ýaşaýjysy «Titanik» gämisiniň şekilinde hususy öýüni gurýar. Mintu Roýl çagalykdan «Titanige» meňzeş öýde ýaşamagy arzuw edipdir. «Titanigiň» muşdagy basym öýüň gurluşygyny tamamlamagy we girdeji çeşmesi hökmünde ýokarky gatda garbanyşhana açmagy meýilleşdirýär.



**Rekord mukdarda ulag öndürdi.** «Toyota» hem-de onuň golçur kärhanalary bolan «Daihatsu» we «Hino» 2022-nji maliýe ýylynda (2022-nji ýylyň 1-nji apreli - 2023-nji ýylyň 31-nji marty) dünýäde rekord mukdarda ulag öndürip satdy. Awtoulag öndürijisi degişli döwürde 10,73 million awtoulag öndürip, dünýäde 10,56 million awtoulag satdy.



**Honda iki elektromobil hödürlär.** 2040-njy ýyla çenli Ýaponiýanyň «Honda Motor Co.» korporasiýasy 2024-nji ýylda amerikan bazarynda iki elektromobil modeliniň – «General Motors Co.» bilen bilelikde çykarylýan «Honda Prologue» we «Acura ZDX» modelleriniň peýda boljakdygyny habar berdi.



**50 müň göwherli ýüzük.** Hindistanly zergärler 50 müň 907 göwher bilen bezelen ýüzük ýasadylar. Gaýtadan işlenen materiallardan ýasalan ýüzügiň agramy 460 gramdan gowrak. Bahasy 785,645 dollar. Ýüzük kebelek gonan günebakara meňzeýär. Bu ýüzüge «tebigat bilen utgaşmak» manysyny berýän «Eutierria» diýip at berildi.



**Kitap ýarmarkasy geçirilýär.** Tunisiň paýtagtyndaky Kram sergi merkezinde 37-nji halkara kitap ýarmarkasy geçirilýär. «Kitabyň ganatlarynda uç» şygary bilen geçirilýän ýarmarka 29-njy aprelden 7-nji maýa çenli dowam eder. Sergini guraýjylaryň bellemegine görä, 22 ýurtdan gelen 279 gatnaşyjy 500 müň töweregi kitap hödürleýär.



**Ada satuwa çykaryldy.** Şotlandiýada adam ýaşamaýan Barlokko adasy satuwa çykaryldy. Deňziň içinde 100 müň inedördül metr meýdany tutýan gury ýer bölegine 186 müň dollar nyrh kesildi. Bu adada ýaşaýyş öýleridir beýleki binalar ýok. «New York Times» gazeti adanyň ösümlik hem-de haýwanat dünýäsine baýdygyny ýazýar.



## TARYHDA ŞU GÜN

**1949-njy ýylyň 5-nji maýynda Londonda Ýewropa Geňeşi (Council of Europe) döredildi. Bu Ikinji jahan urşundan soň döredilen ilkinji Ýewropa hökümetara guramasydyr. Ýewropa Geňeşiniň Düzgünnamasyna Belgiýa, Daniýa, Fransiýa, Beýik Britaniýa, Irlandiýa, Italiýa, Lýuksemburg, Niderlandlar, Norwegiýa we Şwesiýanyň wekilleri gol çekdi. Guramanyň ştab-kwartirasy Strasburgda (Fransiýa) ýerleşýär.**

COUNCIL OF EUROPE

CONSEIL DE L'EUROPE

# SAÝLAWÇYLARYŇ 90 GÖTERIMI TARAPYNDAN GOLDANYLDY

Özbegistanyň Konstitusiýasynyň täzelenen görnüşi baradaky kanun taslamasy saýlawçylaryň 90,21%-i tarapyndan makullandy. Bu barada Respublikanyň Merkezi saýlaw komissiýasynyň başlygy Zaýniddin Nizamhojaýew habar berdi. Özbegistanda konstitusion sala salyşlyk 30-njy aprelde geçirildi. Merkezi saýlaw



komissiýasy sala salyşyga 16 million 673 müň 189 (84,54%) adamyň gatnaşandygyny habar berdi.

– Sala salyşykda hödürlenen meseläniň oňyn çözgüdi üçin 15 milliondan gowrak adam ses berdi – diýip, Nizamhojaýew brifingde eden çykyşynda belledi.

Özbegistanyň täzelenen Konstitusiýasy 1-nji maýda güýje girdi diýip, ýurduň Merkezi saýlaw komissiýasynyň metbugat gullugy habar berdi. Konstitusiýanyň täzelenen teksti komissiýanyň web sahypasynda çap edildi.

Özbegistanyň Konstitusiýasyna üýtgetmeleri girizmek barada başlangyçlar 2021-nji ýylyň ahyrynda ýurduň Prezidenti Şawkat Mirziýoýew tarapyndan hödürlendi. Respublikanyň häkimiýetleri Özbegistanyň häzirki döwürde başdan geçirýän sosial-ykdysady we syýasy özgerişliklerini amala aşyrmak hem-de berkitmek maksady bilen esasy kanuna üýtgetmeleri girizmegiň zerurdygyny öňe sürdi. Ýörite Komissiýa tarapyndan işlenip düzülen Konstitusiýa üýtgetmeler girizmek baradaky teklipler geçen tomus tutuş ýurt boýunça ara alnyp maslahatlaşyldy we Özbegistanyň raýatlaryndan 150 müňden gowrak teklip gelip gowuşdy.

Indi ýurduň Esasy Kanuny 65% täzelendi. Ýurduň Prezidentiniň ygtyýarlyklary bäş ýyldan ýedi ýyla çenli uzaldyldy. Häzirki döwlet Baştutany Şawkat Mirziýoýewiň möhletleri täzeden başlar, ýagny 2026-njy ýylda üçünji gezek dalaş edip biler. Mundan başga-da, Özbegistan sosial döwlet diýlip yglan edilip, ýurtda ölüm jezasy hem ýatyrylýar.

Esasy Kanunyň täze neşirine 27 madda goşuldy. Şeýlelik bilen, olaryň umumy sany 128-den 155-e ýetdi. Tassyklanan düzedişleriň arasynda senatorlaryň sanyny 100-den 65-e çenli azaltmak ýaly maddalar bar. Ilkinji gezek Konstitusiýa raýat jemgyýetiniň institutlary we olaryň işleriniň kepillikleri barada aýratyn bölüm girizildi. Şeýle hem parlamentiň aşaky palatasyna döwlet býujetiniň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmek ygtyýarlyklary berkidilýär.

Özbegistanyň Konstitusiýasy 1992-nji ýylda kabul edildi.

# Prezident saýlawlarynda ýeňiş gazandy

**Paragwaýda geçirilen Prezident saýlawlarynda dolandyryjy «Kolorado» partiýasynyň dalaşgäri Santýago Penýa ýeňiş gazandy. 30-njy aprelde ýurduň saýlaw kazyýetiniň web sahypasynda mälim edilen netijeler muny doly subut edýär. Maglumatlara görä, saýlawçylaryň 43,98%-i Penýa, 27,7%-i esasy bäsdeşi, Täze Paragwaý bileleşiginiň dalaşgäri Efrain Alegre ses berdi. Üçünji orunda 21,63% ses bilen Paragwaýo Kubas bar.**



**Paragwaýda Prezident saýlawlarynda ýeňiş gazanmak üçin dalaşgärler sesleriň köplügini gazanmaly. Saýlawlardan öňki kampaniýanyň çäginde ozalky Prezident Horasio Kartesiň hökümetinde maliýe ministri bolup işlän 44 ýaşly Santýago Penýa jenaýatçylyga garşy çäreleri güýçlendirjekdigini we 500 müň täze iş orunlarynyň döredilmegine ýardam berjekdigini aýtdy. Şeýle-de, onuň esasy wadalarynyň arasynda, ýangyjyň we gazyň bahasynyň arzanladylmagy, tölegsiz çagalar baglary we raýatlara ýaşaýyş jaý üpjünçiligi maksatnamalary bar. Ol mundan ozal Paragwaýyň Merkezi bankynda we Halkara Pul Gaznasynda işledi. Penýa 15-nji awgustda wezipesine girişer.**

**Argentinanyň Prezidenti Alberto Fernandes we Braziliýanyň Prezidenti Luis Inasiu Lula da Silwa saýlawdaky ýeňşi bilen Santýago Penýany gutlap, oňa täze wezipesinde üstünlik arzuw etdi.**

**Santýago Penýa «Kolorado» partiýasyna wekilçilik edýän Mario Abdo Benitesiň ýerine geçip, ýakyn bäş ýylda ýurdy dolandyrar. Bu saýlawlarda Paragwaý kongresine 45 senator we 80 deputat, şeýle hem ýurduň 17 häkimi saýlandy. Saýlaw Kazyýetiniň maglumatlaryna görä, saýlawlara gatnaşyk 63,13%-e deň boldy.**

# 49 ýewrolyk petek bilen syýahat

**Germaniýada ýeke-täk ýol petegi ýola goýuldy. Şeýle petekler arkaly jemgyýetçilik ulaglarynyň ähli görnüşi bilen ýurduň çar tarapyna syýahat etmek mümkindir. Germaniýada halk köpçüligini jemgyýetçilik ulaglaryndan peýdalanmaga höweslendirmek maksady bilen aýda 49 ýewrolyk petek hödürlendi.**

**1-nji maýdan başlap, şeýle petegi bolanlar otly, tramwaý, awtobus, metro we gämi duralgasy bilen syýahat edip bilerler. Ulag ministri ozal bu ädimiň «zyňyndylary azaltmak we ýaşaýyş çykdajylary boýunça çökgünligi ýeňip geçmek» maksady bilen amala aşyrylýandygyny habar beripdi.**

**Ýol petegi «akylly» telefon programmasy ýa-da çip arkaly hem elýeterlidir. Ýöne wagtyň geçmegi bilen bahalaryň ýokarlanmagyna garaşylýar. Ýokary tizlikli otlular we uzak aralyga gatnaýan awtobuslar üçin aýratyn tölenýär.**

**Geçen tomus, 1-nji iýundan 31-nji awgust aralygynda Germaniýada şeýle petekleriň bahasy 9 ýewrodan satyldy. Adamlar onuň bilen ýerli we sebit ulaglarynda ýurduň dürli künjegine syýahat edip bildiler. Bu petekleriň satuwy 50 milliondan geçipdi.**




**Hususy awtoulaglaryň ulanylyşyny azaltmak başlangyjy Lýuksemburgda has-da täsirli boldy. Ol ýerde jemgyýetçilik ulagy üç ýyl ozal mugt ýola goýlupdy.**

# 2,2 müňden gowrak myhman gatnaşar

6-njy maýda Westminster abbatlygynda geçiriljek Beýik Britaniýanyň Koroly Karl III täç geýdiriliş dabarasyna 2,2 müňden gowrak adam gatnaşar. Bukingem köşgi tarapyndan ýaýradylan beýanata görä, olaryň arasynda 203 ýurduň wekilleri, döwlet Baştutanlary we daşary işler ministrleri, dini wekiller, Nobel baýragynyň eýeleri we jemgyýetçilik işgärleri bar. Maglumatlara görä, 100 töweregi döwletiň wekili ýokary derejede kabul ediler.

Karl III täç geýdiriliş dabarasy Ýelizaweta II aradan çykandan sekiz aý soň guralýar. Beýanata görä, Wengriýanyň, Irlandiýanyň, Polşanyň, Filippinleriň, Fransiýanyň döwlet Baştutanlary, Ispaniýanyň we Şwesiýanyň Korollary, Monakonyň knýazy, Ýaponiýanyň Imperatory, Ýewropa Bileleşiginiň ýolbaşçylary we Beýik Britaniýanyň syýasy ýolbaşçylaryna çakylyk ugradyldy.

Karl III täç geýdiriliş dabarasy, gerimine görä, Şa zenan Ýelizaweta II 1953-nji ýylda guralan täç geýdiriliş dabarasyndan pes bolar. Şol dabara 8,2 müňden gowrak myhman gatnaşypdy. Karl III täç geýdiriliş dabarasynda guraljak ýöriş Ýelizawetanyň geçen sekiz kilometr ýörişinden dört esse gysga bolup, onuň üçin iki dürli kareta ulanylar.

Bukingem köşgünden Westminster abbatlygyna çenli ýoly, Korol Karl III we aýaly Kamilla häzirki zaman karetasynda geçerler. Bu abbatlykda Karl III täç geýdiriler. Karl III we aýaly yza gaýdyşyn 1762-nji ýylda ýasalan altyn karetada ýola düşerler. Sekiz ata goşulan dört tonnalyk kareta monarhlar tarapyndan iň möhüm wakalarda, şol sanda 1953-nji ýylyň 2-nji iýunynda häzirki Korolyň ejesi Ýelizaweta II täç geýdiriliş dabarasynda ulanylypdy. Monarh tagta geçenden soň, oňa 2,2 kilogram agramly keramatly Eduard täji geýdiriler.







# Nýu-Ýork ýene birinji orny eýeledi

Nýu-Ýork (ABŞ), bir ýyl ozal bolşy ýaly, millionerleriň sany boýunça dünýä şäherleriniň sanawynda birinji orny eýeledi. «Report» agentliginiň habar bermegine görä, muňa «Henley& Partners» we «New World Wealth» neşirlerinde çap edilen «2023-nji ýylyň iň baý şäherleriniň» sanawy subut edýär.

Hytaý we amerikan şäherleri bu sanawyň başyny çekdiler. Öňdäki onluga giren ýeke-täk Ýewropa şäheri London boldy.

Häzirki wagtda 340 müň millioneriň Nýu-Ýorkda ýaşaýandygy bellendi. 10 ýyl mundan ozal sanawda birinji orunda gelen Tokio (Ýaponiýa) 290,3 müň millioner bilen ikinji, San-Fransisko (ABŞ) 285 müň adam bilen üçünji ýerde durýar. Dördünji orny 258 müň baý ýaşaýjysy bilen London (Beýik Britaniýa), bäşinji orny bolsa, 240,1 müň millioner bilen Singapur eýeledi.



Iň gowy bäş lider geçen ýyl bilen deňeşdirilende üýtgemedik bolsa, ikinji bäşlikde belli bir üýtgeşmeler boldy. Şeýlelikde, Los-Anjeles (ABŞ) altynjy orny (205,4 müň millioner) saklady, emma Çikago we Hýuston (ABŞ) ilkinji onlukdan çykdy. Ýöne Gonkong ýedinji orny (129,5 müň millioner) alyp, ilkinji onluga gaýdyp geldi. Geçen ýylky ýaly sekizinji we dokuzynjy ýerlerde Hytaýyň Pekin (128,2 müň millioner) we Şanhaý (127,2 müň millioner) şäherleri orun alýar. Ilkinji onluga 126,9 müň millioneri bilen Sidneý (Awstraliýa) goşuldy.

# Ilkinji gezek açyk kosmosa çykdy

29-njy aprelde Birleşen Arap Emirlikleriniň astronawty Sultan Al-Neýadi Halkara kosmos stansiýasynyň modulyndan açyk kosmosa çykdy.

Al-Neýadiniň watanynda açyk kosmosa çykyşy ýurduň taryhynda «möhüm waka» hökmünde baha berildi. Ol indi ýurtda «Kosmos soltany» hökmünde tanalýar. Şeýlelikde, 41 ýaşly Sultan Al-Neýadi taryhda açyk kosmosa çykan ilkinji arap astronawty boldy.

«Crew Dragon» amerikan kosmos gämisi bilen Halkara kosmos stansiýasyna baran Al-Neýadi ol ýerde eýýäm 6 aý bäri işleýär. Al-Neýadi NASA-dan ugradylan kärdeşi bilen stansiýanyň modulyndan çykansoň, modulyň elektrik üpjünçilik ulgamyny döwrebaplaşdyrmak boýunça işleri alyp bardy.

# DUBAÝDA IÝMIT ÖNÜMLERINIŇ FESTIWALY GEÇIRILÝÄR

**Dubaý Ýakyn Gündogaryň iň uly aşpezlik çäresi bolan 10-njy Dubaý iýmit festiwalynyň çäginde dünýäniň dürli künjeklerinden gelen syýahatçylary ýene bir gezek garşy alýar. Bu barada Dubaýyň Ykdysadyýet we syýahatçylyk departamenti habar berdi. 7-nji maýa çenli dowam etjek bu çärede emirligiň myhmanlaryna restoranlarda, kafelerde we beýleki ýerlerde baýramçylyk menýusy garaşýar.**

**Bu ýylky Dubaý iýmit festiwaly, çäreleriň giňişleýin maksatnamalary arkaly has gyzykly geçirilýär. Festiwalyň çäginde 27-nji aprelden 8-nji maý aralygynda Dubaýyň restoran hepdeligi geçiriler. Ýedi günüň içinde iň gowy 50 restoranda ýörite menýu toplumlary we arzanladyşlar bolar. «10 dirheme nahar» kampaniýasy aýratyn ünsi çekýär: festiwalyň 10 ýyllygy mynasybetli myhmanlara bary-ýogy 10 dirheme ajaýyp tagamlar hödürlenýär.**

**Dubaýyň aşpezlik sungaty soňky 10 ýylda şäheri global gastronomiýa paýtagtyna öwrüp, şeýle orny berkitmek üçin ajaýyp özgerişlikleri başdan geçirdi. Emirlikdäki restoranlaryň sany 2013-nji ýylda 5500 töweregi bolan bolsa, häzir bu san 13 müňe çenli artyp, jemgyýetçilik iýmiti pudagynda görnetin ösüş gazandy. 10 ýyl ozal Dubaýda azyk ulaglary we plýaž kafeleri ýokdy, ýöne indi bu ýerde konseptual edaralaryň sany günsaýyn artýar. Olaryň arasynda adaty bolmadyk ýerlerde wagtlaýyn açylýan pop-ap restoranlar, ter önümleri hödürleýän «bakjadan saçaga» restoranlary we adaty bolmadyk iýmit zallary bar. Bu üýtgeşik çözgütleriň hemmesi Dubaýyň iýmit festiwalynda hödürlenýär. Mundan başga-da, şäheriň aşpezlik ugrundan zehinleri «Michelin», «Gault & Millau UAE guide» we «MENA's 50 Best Restaurants» ýaly abraýly guramalar tarapyndan birnäçe gezek ykrar edildi.**






**Dubaýyň restoran hepdeligi 2016-njy ýylda Dubaýyň iýmit festiwalynda ilkinji gezek şäher myhmanlaryna abraýly restoranlarda tagamlary elýeterli bahadan dadyp görmäge mümkinçilik beripdi. Dubaýda aşpezlik sungaty gülläp ösýär, onuň çalt ösmegi dünýäniň aşpezlik kartasynda ykrar edilmegi bilen tassyklandy. 10 ýyl bäri geçirilýän Dubaýyň iýmit festiwaly özüniň dürlüligini we hemişe üýtgeýän gastronomik landşaftyny ýüze çykarýar.**

# DÜNÝÄNIŇ IŇ ULY MILLI SEÝILGÄHLERI

**Tebigy taýdan owadan we gaýtalanmajak özboluşlylygy emele getirýän milli seýilgähler, esasan, ABŞ-da, Braziliýada, Ýaponiýada, Hindistanda we Awstraliýada ýerleşýär. Uly meýdany bölekleýin öz içine alýan milli seýilgählerde ösümlikdir janly-jandarlaryň ýüzlerçe görnüşi bar. Geliň, dünýäniň iň uly milli seýilgähleri bilen tanyş bolalyň!**

**Iguasu milli seýilgähi, Argentina.** Argentina bilen Braziliýanyň serhedinde 550 inedördül metr meýdany tutýan, dünýäniň iň owadan şaglawuklaryny özünde jemleýän Iguazu milli seýilgähinde ösümlikdir janly-jandarlaryň 2 müňden gowragy duş gelýär. Seýilgähde 275 töweregi şarlawuk bolup, iň ulusy «Iblisiň bokurdagy» diýlip atlandyrylýar. Ini 150 metr, uzynlygy 700 metr bolan bu şarlawuk iň owadan tebigy gözelligiň biridir. ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna girizilen Iguazu milli seýilgähine syýahatçylyk pudagynda hem uly gyzyklanma bildirilýär.

**Uly Kanýon we Ýellouston, ABŞ.** Arizona ştatynyň serhedinde ýerleşýän Kolorado derýasynyň kenaryndaky Uly Kanýonda älemgoşar reňkli jülgeler, dik eňňitler we gaýa gatlaklary bar. Uly Kanýonyň käbir gaýalarynyň beýikligi 1600 metre ýetýär. Bu milli seýilgähde möjek, garaguş, sugun, dag arslany, gara aýy we keýik sürüleri ýaşaýar.

Dünýäniň ilkinji milli seýilgähi bolan Ýellouston milli seýilgähi Idaho, Montana we Waýoming ştatlarynda ýerleşýär. 8 müň 987 inedördül metr meýdany tutýan bu seýilgähde 10 müňden gowrak gyzgyn suwly çeşme, 300-den gowrak geýzer we 300-e golaý şarlawuk bar. Seýilgähde, esasan, grizzly aýysy, bizon, garynjanyň dürli görnüşi, koýot hem-de garagulak ýaşaýar.

**Galapagos milli seýilgähi, Ekwador.** Dünýäniň iň gyzykly we täsin ekoulgamlarynyň biri bolan Galapagos milli seýilgähiniň 97 göteriminde janly-jandarýok. ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna girizilen bu milli seýilgähde, esasan, pyşbagadyr pingwinler ýaşaýar. Bulardan başga-da, iguanalara, gannetlere we deňiz arslanlaryna duş gelmek bolýar. Galapagos dünýädäki ýabany jandarlaryň adamlardan ürkmeýän ýeke-täk milli seýilgähidir.

**Serengeti, Kilimanjaro, Tanzaniýa.** 14 müň 763 inedördül metr meýdany eýeleýän Serengeti milli seýilgähinde Afrikanyň «Uly bäşligi» diýlip atlandyrylýan arslanlar, piller, gaplaňlar, kerkler we ýabany öküzler ýaşaýar. Dünýäniň iň gadymy ekoulgamlarynyň biri bolan Serengetide howanyň, ösümlikleriň we haýwanat dünýäsiniň millionlarça ýyl bäri hiç hili üýtgemändigi aýdylýar.

ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna girizilen Kilimanjaro milli seýilgähi Afrikanyň iň beýik nokady bolan Kilimanjaro dagynyň (5895 metr) eteginde ýerleşýär. Milli seýilgähde gyrymsy agaçly tokaýlar, çemenlikler bolup, esasan, piller, gök maýmynlar, afrikaly lemurlar we gaplaňlar ýaşaýar.

**«Etosha» milli seýilgähi, Namibiýa.** Namibiýanyň demirgazyk-günbatarynda ýerleşýän 22 müň inedördül metre barabar «Etosha» milli seýilgähinde 2 müňden gowrak gaýa suratlary bar. Seýilgähde žiraf, zebra, gaplaň, kerk, ýüzlerçe süýdemdiriji we süýreniji ýaşaýar. ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawynda görkezilen bu seýilgähde uly sawannalar hem bar.

**Çitwan milli seýilgähi, Nepal.** ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna girizilen Çitwan milli seýilgähi Bangladeş gaplaňlarynyň ýygnanan ýeridir. 932 inedördül metr meýdany tutýan seýilgähde süýdemdirijileriň 68, guşlaryň 544 we balyklaryň 126 görnüşi ýaşaýar. Şeýle hem seýilgähde seýrek duş gelýän bir şahly kerk, Bengal gaplaňy hem-de Gang krokodili ýaşaýar.

**Komodo milli seýilgähi, Indoneziýa.** Dünýädäki iň uly süýrenijileriň öýi bolan Komodo milli seýilgähinde «komodo aždarhasy» ýaşaýar. 3 uly we 26 kiçi adany öz içine alýan seýilgäh 1 müň 733 inedördül metr meýdany tutýar. ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawynda görkezilen bu seýilgähde sawannalar hem bar. Deňiz durmuşyna baý seýilgähde akula, balyklar, deňiz towşanlary, oktopus, deňiz merjenleri ýaşaýar.

**Kaziranga milli seýilgähi, Hindistan.** Takmynan, 500 inedördül metr meýdanda ýerleşýän bu seýilgähde kerkleriň üçden iki bölegi ýaşaýar. 2006-njy ýylda gaplaňlaryň goraghanasy hökmünde hasaba alnan seýilgäh batgalyklardan we tropik tokaýlyklardan ybarat. Brahmaputra derýasyny öz içine alýan seýilgähde pil, ýabany buffalo, sugun, gaz, kerk we gaplaň ýaşaýar. ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna girizilen bu seýilgäh guşlaryň hem mekanydyr.

**«Plitvice Lakes» milli seýilgähi, Horwatiýa.** Onlarça şarlawugy hem-de 16 sany reňkli köli öz içine alýan «Plitvice Lakes» milli seýilgähi Horwatiýanyň iň uly milli seýilgähi hasaplanýar. 300 inedördül metre barabar bolan bu seýilgähde ösümlikleriň 109 görnüşi ösýär. ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna girizilen «Plitvice Lakes» milli seýilgähi arça tokaýlyklary bilen meşhurdyr. Bu ýerde kebelegiň dürli görnüşi, sugun, aýy, möjek ýaşaýar.

**Fudzi-Hakone-Idzu milli seýilgähi, Ýaponiýa.** Fuji dagyny, Fuji kölüni, Hakone şäherini we Izu adalaryny öz içine alýan bu seýilgäh 1936-njy ýylda döredilýär. 1227 inedördül metr meýdany tutýan bu seýilgäh 100-den gowrak wulkan adalaryny özünde jemleýär.

**Uly Baryer rif deňiz seýilgähi, Awstraliýa.** Kwinslendiň golaýyndaky Merjen deňzinde ýerleşýän Uly Baryer rif deňiz seýilgähi 344 müň 400 inedördül metr meýdany eýeleýär. 2900 rifden, 900 adadan ybarat dünýäniň iň uly rif ulgamy bolan bu seýilgäh ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawynda görkezilýär. Gök kitleriň mekany bolan bu ýerde, deňiz pyşbagasy, dugonga, bir milliondan gowrak balyk, merjen, akula we meduza ýaşaýar.



## SAÇA IDEG ETMEGIŇ USULLARY

**Saçy ýuwmak we guratmak gündelik işiň bir bölegini düzüp, saça ideg etmekde dogry usullary ulanmak esasy şertleriň biri bolup durýar. Saçyň görnüşine, uzynlygyna ýa-da gysgalygyna görä ideg etmegiň usullary hem dürlüçe bolýar.**



**Köp ýuwmak zyýanlymy?**

Saçy aşa köp ýuwmak hem-de suwuň aşagynda köp saklamak onuň zeperlenmegine getirip bilýär. Çygly saç gury saç ýaly berk bolman, güýjüni ýitirýär. Saçyň esasyny düzýän we saçyň reňkini emele getirýän korteks maddasy aşa çyglylyk ýagdaýynda düzümini üýtgedip, saçyň döwülmegine we düşmegine getirýär. Suw saçdaky keratiniň gowşak wodorod baglanyşygyny emele getirýär. Keratin saçyň çeýe we sagdyn bolmagynda möhüm orun eýeleýän belok bolup, saçyň gorag diwary bolup hyzmat edýär. Bilermenleriň bellemegine görä, belok baglanyşygy gury saçda çygly saç bilen deňeşdirilende has berkdir. Bilermenler düzgün bolşy ýaly, saçy iki-üç günden bir gezek ýuwmagy maslahat berýärler. Bu ýagdaý saçyň görnüşine görä üýtgäp hem biler.

**Saçy dürli usulda guradyp bolar. Ýöne ýalňyş usullar saçyň düşmegine we zaýalanmagyna getirip biler. Geliň, saçy guratmagyň käbir usullary bilen tanyş bolalyň!**

**Howada guratmak.** Bu usulda hiç hili enjam ulanmazdan, saç ýyly howada guradylýar. Iň gowy usullaryň biri hasaplanýan bu usulda süpürgiç arkaly saçyň çygy aýrylyp, soňra saç erkin ýagdaýda goýberilýär. Görnüşine, uzynlygyna ýa-da gysgalygyna baglylykda, saç 30 minutdan 2-3 sagadyň dowamynda howada dolulygyna guraýar. Bu usul tebigy ýagdaýda amala aşyrylyp, saçyň zeperlenmeginiň öňüni alýar.

**Süpürgiç bilen guratmak.** Köp ulanylýan usullaryň biri hem saçy süpürgiç arkaly guratmakdyr. Emma bu usulda aşa köp sürtülme sebäpli saçyň berkligine zeper ýetip biler. Şeýle hem saçyň döwülmegine getirmegi mümkin. Bilermenler hammam süpürgijini diňe saçyň suwuny aýyrmak üçin ulanmagy maslahat berýärler. Eger-de yzygiderli süpürgiç ulanylýan bolsa, onda saça nemlendiriji kremleri çalmaly.

**Saç guradyjy enjam bilen guratmak.** Saç guradyjyny ulanmak – saçdaky suwy çaltlyk bilen aýryp guratmak ajaýyp usullaryň biridir. Ýöne bu usulda emeli ýylylyk saça ep-esli derejede täsir edip, onuň zeperlenmegine we wagtyň geçmegi bilen düşmegine getirýär.

**MASLAHATLAR:**

Saç ýuwlandan soň, kelleden başlap saçyň ujuna çenli artykmaç suwy gysyp aýyrmaly. Suw damjalary dammagyny bes edenden soň, saçy süpürgiç bilen süpürmeli. Süpürgiji ýuwaşlyk bilen gysyp, saçyň arasyndaky damjalary çekdirmeli. Eger-de saç uzyn bolsa, süpürgiji biraz örtüp goýmak hem bolar. Ýöne bu usuly 20 minutdan köp ulanmaly däl. Çygly süpürgiji uzak wagtlap saça örtüp goýmak zyýanlydyr. Saç guratmakda çyglylygy özüne gowy çekýän ýumşak süpürgiçleri ulanmak has peýdalydyr.



**DIKLIGINE:** **1.** Garry adamlaryň söýget üçin ulanýan taýagy. **2.** Ýaryşda eýelenen ýer. **3.** Çokaý tikilende, iki gyranyň arasyna goýlup tikilýän gaýyş ýa-da mawut. **4.** Atyň ähli jynsyny öz içine alýan umumy ady. **5.** Nahar. **6.** Çagajyga ejesiniň hossarlary tarapyndan berilýän mal. **7.** Bir zadyň iň ýokary nokady, ýokary başy. **8.** Miwe. **11.** Mekdeplerde aýry-aýrylykda okadylýan her bir ders. **12.** Kapitandan soňky berilýän harby at. **14.** Adamyň akyl ýetiriş ukybynyň netijesi, jemi. **15.** Degirmende möhreden gelýän suwuň batly çykmagy üçin edilen deşik. **16.** Pasyl. **17.** Uçaryň iki gapdala uzalyp gidýän bölegi. **18.** Keýigiň çagasy. **19.** Ýylan (köne söz). **22.** Ýurdumyzda bir welaýat. **24.** Günäň ýa-da bir ýalňyşlygyň geçirilmegini sorap edilýän haýyş. **25.** Matanyň bir görnüşi. **27.** Bedeniň guşaklykdan boýna çenli bolan aralygy. **28.** Gylýallar maşgalasyndan bolan ýabany jandar. **32.** «Atyň ... arpa» (nakyl). **33.** «Beýlekisi derek boýly, ... ýaşly, gözel ýigit» (G.Ezizow). **34.** Gawun çigidiniň daşyndaky löt. **35.** «Müňküre bilin baglanyň, köňlünden ... gitmezmiş» (Magtymguly). **38.** Günorta tarapa bolan ugur. **39.** Müdimi, baky. **40.** Süýreniji jandarlaryň sümelgesi. **41.** «Çaga-da ... diýip aglar, uly-da» (nakyl). **45.** Gyz ady. **46.** Jebis, berk. **48.** Çy-kalga, çäre. **49.** Pygamber. **50.** Ini-boýy deň, jemi 64 öýjükli tagtada 32 mal bilen oýnalýan oýun. **51.** Ýer sürmek üçin ulanylýan gural. **52.** Deňziň gyralarynda ýer gazyp, süýji suw alynýan çukur. **53.** Gyzyl reňkli gül.

**KESELIGINE:** **3.** Buşluk. **9.** Gazet-žurnallara makala, habar ýazýan gazet işgäri. **10.** Soňy garaşylmadyk ýagdaýda tamamlanýan hekaýa. **11.** Döwlen bugdaýyň owranan sypaly. **13.** Mal bakýan adam. **17.** Göroglynyň aty. **20.** Ýalazy meýdan. **21.** Iýmit. **23.** Maşgaladaky iň kiçi çaga. **26.** Hanjaryň tygynyň ýüzündäki çyzmyk oý. **27.** «... garganyň gözüni çokmaz» (nakyl). **29.** Gonamçylyga gözegçilik edýän adam. **30.** Ätiýaçdan tygşytlanyp goýlan pul. **31.** Aladaly, ynjalyksyz ýagdaý. **34.** Ýanýan otdan ýalpyldap, syçrap gidýän owunjak ot bölejikleri. **36.** Dermanlyk ösümlik. **37.** Gyz ady. **42.** Eýlenip bejerilen geçi derisi, gön. **43.** Awçylaryň suw başynda çöp-çalamdan guryan bukusy. **44.** Gumda bitýän tegelek hem ýasy ýaprakly ösümlik. **47.** Al-Faraby tarapyndan oýlanyp tapylan saz guraly. **52.** ...-ownukly. **54.** Çarlagyň bir görnüşi. **55.** Maksady hasyl bolmadyk, ökünçli. **56.** Zähmetde, işde özüni tanadan, meşhur bolan.

**19-njy krosswordyň jogaby:**



**14-nji skanwordyň jogaby:**



**20-nji KROSSWORD**

*Akmyrat REJEPGULYÝEW, Mary welaýatynyň Ýolöten etrabyndaky 44-nji orta mekdebiň mugallymy, ylym-bilim işgärleriniň Kärdeşler arkalaşygynyň işjeň agzasy.*



**DIKLIGINE:** **1.** Dürli görnüşli uly gurluşyk. **2.** Üstünde kitap goýup okalýan, açylyp-ýapylýan ganat şekilli tagta. **3.** San, mukdar taýdan kän. **4.** Ýakymly ys ýaýradýan gülüň ady. **5.** Halkyň jemgyýetçilik durmuşynyň möhüm meselesine bagyşlanan uly göwrümli kyssa eseri. **6.** «... ýatsa ýaman, syrkaw-gezse» (nakyl). **7.** «Aryp ... bolsaň, men seni süýrege alaýyn» («Görogly»). **8.** Süýji suwda ýaşaýan ýasy kelleli uly balyk. **13.** Erkek eşek bilen baýtalyň çaknyşmagyndan emele gelen jandar. **15.** Bir zady ýerine ýetirmek üçin berilýän söz. **16.** Zady deň ikä bölýän aralyk ýer. **17.** Giç ýetişýän, wagtyndan giç bolýan. 18. Oglan ady. **20.** Gelinleriň arkasyna atýan saçynyň iki örümini birikdirýän uly hem ýasy bezeg şaýy. **22.** «Istese deň-duşlar başa altyn ..., pakyrlyk mülkinde maňa bergin paç» (Magtymguly). **23.** Adamyň we oňurgaly jandarlaryň garyn boşlugynda ýerleşýän agzasy. **24.** Semiz, etli-ganly. **25.** Pal atmak bilen meşgullanýan adam. **26.** Ele geýmek üçin ýüňden örülen ýa-da matadan, gaýyşdan tikilen önüm. **27.** Ynha. **28.** Maglumat tehnologiýasynda ýöriteleşen kompaniýalaryň bileleşigi. **31.** Telefaks arkaly ýazmaça ugradylýan we kabul edilýän maglumat, habar. **33.** Saz sungatynyň bir görnüşi. **34.** «... bir söz bes, akmaga müň söz hebes» (Paýhas çeşmesi). **36.** Duşman, keseki. **38.** Elektromagnit tolkunlarynyň kömegi bilen sesleri we belgileri aradaşlyga bermek we kabul etmek usuly. **39.** Eli boş däl, işi köp. **40.** Penjegiň, köýnegiň we ş.m. ýakasyna, ýeňine dakylýan düwme. **43.** Şowly, oňuna. **44.** Aýakgabyň içinden aýaga geýilýän, injige çenli uzynlykdaky örme önüm. **45.** Gyz ady. **47.** Iki ýeriň, iki zadyň arasy. **49.** «Birimsiz beglerden, bahyl baýlardan çöle çyksaň ... çopan ýagşydyr» (Zelili). **50.** Bir zadyň çekmek arkaly kesgitlenýän agyrlygy. **52.** «... hasasyny bir aldyrar» (nakyl). **54.** Insiz, uzyn ýaprakly, ýaýraň, çeýe şahaly agaç, söwüt.

**KESELIGINE:** **1.** Söwütler maşgalasyndan bolan dik ösýän, ýyldyrap duran çalymtyk ýaprakly agaç. **4.** Radiotolkunlar arkaly giňişlikdäki zatlaryň ýerleşýän ýerini anyklamak we ulaglaryň tizligini kesgitlemek üçin ulanylýan enjam. **6.** Açyk howada edilýän gezelenç, seýran. **9.** Eýe, hojaýyn. **10.** Oglan ady. **11.** 409,5 grama deň agyrlyk ölçegi. **12.** Ummanyň, deňziň, kölüň gury ýere süsňäp girýän öwrümi. **14.** «... tazy burnundan bildirer» (nakyl). **16.** «Halysynyň kenary, ... barmagynyň hünäri» (hüwdi). **17.** Hindistanda bir derýa. **18.** Uglerodyň belli bir mukdarynyň demir bilen birleşmeginden emele gelen kümüşsöw metal. **19.** Maldarçylyk bilen meşgul bolup, öri gözleginde göçüp-gonup ýören hojalyk. **21.** Kakaň kakasy. **23.** Iki ýany beýik baýryň, dagyň arasyndan uzap gidýän pes ýer. **25.** Ýüpek gurçugyndan hasyl bolýan önüm. **27.** «Daşy» sözüniň antonimi. **29.** Meşhur işewür ... Mask. **30.** «Bal süýji, baldan-da ... süýji» (nakyl). **32.** Ýyl hasaby ýöredilip ugran başlangyç pursat we şeýle ýyl hasabynyň ulgamy. **35.** Afrikada we Günorta-Gündogar Aziýada ýaşaýan maňlaýy şahly uly jandar. **37.** Günorta Aziýada bir döwlet. **39.** San. **41.** Tikin tikmek üçin bükdürilen inçejik ýüplük. **42.** Gepleşik görnüşinde ýazylan we sahnada goýmak üçin niýetlenen edebi eseriň bir görnüşi. **43.** Oglan ady. **44.** Nota. **45.** Eýerjeňli baglaýjy. **48.** Sahnada sazly-şahyrana keşpler janlandyrylan sazly drama eseri. **51.** Çagşan, döwük. **53.** Bir tutuş bölek, togalak. **54.** Kelteden ýogyn, dolmuş. **55.** Gyzylymtyl sary, sargylt. **56.** Ýeriň üstki şekiliniň çyzgysy. **57.** Adamyň gylyk-häsiýetine, keşbine, kärine görä dakylýan at.

**21-nji KROSSWORD**

*Albina ZAKIRJANOWA, Türkmen oba hojalyk institutynyň talyby.*

## Bir sözlemde...

AFK Çempionlar Ligasynyň finalynyň Saud Arabystanynda oýnalan 1-nji duşuşygynda «Al-Hilal» bilen «Urawa Red Daýmonds» 1–1 (S. Al-Dawsari 13 — Koroki 13) deňme-deň oýnady (Jogap duşuşygy 6-njy maýda Saitamada oýnalar).

Gazagystanyň Astana şäherinde geçirilen küşt boýunça Dünýä çempionatynyň finalynda hytaýly Din Liženýu taý-brekde russiýaly Ýan Nepomniýaşiden üstün çykyp, çempionlyk gazanan 17-nji grossmeýster we ilkinji hytaýly çempion boldy (Çempiona 1,1 million, wise-çempiona 900 müň ýewro pul baýragy berildi).

Basketbol boýunça 2027-nji ýylda guraljak erkekleriň arasyndaky Dünýä Kubogynyň Katarda, 2026-njy ýylda geçiriljek zenanlaryň arasyndaky Dünýä Kubogynyň Germaniýada geçiriljekdigi resmi ýagdaýda habar berildi.

Şweýsariýanyň çempionaty «Swiss Super Ligada» 31-nji tapgyrda «Lýusern» toparyny 5-1 ýeňen «Ýang Boýz» kluby 1 ýyllyk arakesmeden soň, soňky 6 ýylda 5-nji, umumylykda-da 16-njy gezek çempionlyk gazanmagy başardy.

Italiýanyň 2-nji ligasy «Serie B»-de 35-nji tapgyrda «Rejinany» 3–1 ýeňen Fabio Grossonyň tälimçiligindäki «Frozinone» kluby möwsümiň tamamlanmagyna 3 tapgyr galanda, utugyny 75-e çykardy we 3 ýyllyk arakesmeden soň «Serie A» dolandy (2015/16, 2018/19).

NBA-da adaty möwsümiň iň ökde oýunçysy (MVP) diýlip, soňky 4 ýylyň ýeňijilerinden — Nikola Ýokiç (2021, 2022) hem-de Ýannis Antetekunmpodan (2019, 2020) öňe saýlanan «Filadelfiýa 76ers»-iň 29 [a\ly ýyldyzy Joel Emiid saýlandy we ol bu hormata laýyk görlen 4-nji «filadelfiýaly» basketbolçy boldy.

UEFA zenanlar Çempionlar Ligasynda myhmançylykda goşmaça wagtda «Arsenaldan» 3–2 üstün çykan «Wolfsburg» 6-njy gezek finala çykyp, 3-nji iýunda geçiriljek aýgytlaýjy duşuşykda «Barselonanyň» garşydaşy boldy.

## Ýewropada nobatdaky tapgyryň iň esasy duşuşyklary:

**6-njy maý (şenbe):**

**Milan — Lasio (18:00)**
Fraýburg — Leipsig (18:30)
Man. Siti — Lids (19:00)
**Roma — Inter (21:00)**
Liwerpul — Brentford (21:30)
Werder — Bawariýa (21:30)
Reýms — Lill (22:00)
Lans — Marsel (00:00)
**Aýaks — AZ Alkmaar (00:00)**
**Benfika — Braga (00:30)**
**Real Madrid — Osasuna (01:00, Kubogyň finaly)**

**7-nji maý (ýekşenbe):**

**Atalanta — Ýuwentus (15:30)**
**Nýukasl — Arsenal (20:30)**
Borussiýa D — Wolfsburg (20:30)
Napoli — Fiorentina (21:00)
Galatasaraý — Istanbul BŞ (22:00)
West Ham — M. Ýunaýted (23:00)
Trua — PSŽ (23:45)

**9-njy maý (sişenbe):**

Real Madrid — Man. Siti (00:00)

**10-njy maý (çarşenbe):**

Milan — Inter (00:00)

# Myhmançylykdaky toparlaryň üstünligi

**Futbol boýunça Türkmenistanyň Ýokary Ligasynda 4-nji tapgyryň duşuşyklary geçirildi. Geçirilen 4 duşuşykda 13 gol derwezä salnyp, 2 oýunda ýer eýeleri, 2 oýunda-da myhmanlar ýeňiş gazandy.**



Tapgyryň iň köp golly duşuşygynda «Altyn asyr» öz meýdançasynda «Merwden» 4–1 üstün çykdy. Ilkinji bolup hasaby «Merw» topary açsa-da (Musa Nurnazarow 15), soňlugy bilen, «Altyn asyr» topary Wahyt Orazsähedowyň (36, 58) hem-de Myrat Annaýewiň (80 p, 90) gollary esasynda ýeňşini baýram etdi.

«Arkadag» topary öz meýdançasynda «Şagadamy» kabul edip, 4–0 hasabynda ýeňiş gazandy. «Arkadag» toparyna ýeňiş getiren gollaryň 2-sini Didar Durdyýew (43 p, 53), beýlekileri-de Mihail Titow (82) bilen Yhlas Toýjanow (88) geçirdi.

Paýtagtyň 2 kluby – «Köpetdag» bilen «Aşgabat» myhmançylykda ýeňiş gazanmagy başardy. «Köpetdag» myhmançylykda «Ahal» bilen duşuşyp, 61-nji minutda ýer eýeleri Amir Gurbaniniň goly bilen 1–0 öňe saýlandy. Galan minutlarda tijenen «Köpetdagyň» gollaryny «Ahalyň» goragçylary Şöhrat Söýünow (67) bilen Furkad Tursunow (76) ýalňyşlyk bilen öz derwezelerinden geçirdi. Başgaça aýdylanda, gollaryň 3-sini hem «ahally» futbolçylar geçirse-de, ýeňiş gazanan «Köpetdag» boldy. «Energetik» bilen «Aşgabat» toparlarynyň arasyndaky oýunda-da myhmançylykdaky topar Şatlyk Gurbanowyň 38-nji minutdaky ýeke-täk goly bilen 1–0 ýeňiş gazandy.

Geçirilen 4-nji tapgyrdan soň 3 oýunda 9 utuk toplan «Arkadag» sanawyň birinji basgançagynda barýar. 4 oýunda 9 utuk jemlän «Köpetdag» 2-nji ýeri eýeleýär.

**TÜRKMENISTANYŇ MILLI ÇEMPIONATY**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | GOL | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1. | «ARKADAG» | 3 | 3 | 0 | 0 | 10–1 | 9 |
| 2. | «KÖPETDAG» | 4 | 3 | 0 | 1 | 6–6 | 9 |
| 3. | «ALTYN ASYR» | 3 | 2 | 1 | 0 | 6–1 | 7 |
| 4. | «NEBITÇI» | 3 | 2 | 1 | 0 | 5–2 | 7 |
| 5. | «AŞGABAT» | 3 | 2 | 0 | 1 | 3–3 | 6 |
| 6. | «AHAL» | 4 | 1 | 0 | 3 | 3–6 | 3 |
| 7. | «ENERGETIK» | 4 | 1 | 0 | 3 | 1–4 | 3 |
| 8. | «MERW» | 4 | 1 | 0 | 3 | 4–8 | 3 |
| 9. | «ŞAGADAM» | 4 | 0 | 0 | 4 | 2–9 | 0 |

# Ilkinji gezek kuboga mynasyp boldy







**Fransiýanyň Kubogy** ýaryşynyň finalynda geçen ýylyň ýeňijisi «Nant» bilen «Tuluza» topary duşuşdy. «Stad de Frans» stadionynda 78 müňden gowrak janköýeriň şaýatlygynda geçen oýunda «Tuluza» topary uly hasap bilen ýeňiş gazanyp, taryhy başarnyk görkezdi. 5–1 hasabynda ýeňiş gazanan «Tuluza» topary eýýäm ilkinji ýarym sagatda 4 gol geçirdi. 4-nji we 10-njy minutlarda Logan Koşta, 23-nji we 31-nji minutlarda-da Thiýs Dallinga hasaby 4–0-a ýetirdi. 2-nji ýarymda «Nant» 75-nji minutda Ludowiç Blasyň penalti goly bilen aratapawudy 3 gola düşürse-de, 79-njy minutda Zakariýa Abuhlal oýna soňky nokady goýdy. Şunlukda, 5–1 hasabynda uly hasap bilen ýeňiş gazanan «Tuluza» topary 53 ýyllyk taryhynda ilkinji gezek Fransiýanyň Kubogyny gazandy. Olar bu kubogy eýelän 34-nji klub hökmünde hasaba alyndy. «Tuluza» topary mundan öň 3 gezek «Ligue 2»-de çempionlyk gazanypdy.

* * *

**Niderlandlaryň Kubogy** ýaryşynyň finalynda-da ýurduň iki güýçli kluby «Aýaks» bilen PSW duşuşdy. Çekeleşikli geçen oýnuň esasy wagty 1–1 deňlikde tamamlandy. Oýnuň 42-nji minutynda Pol Brantwaýtyň ýalňyşlyk bilen öz derwezesinden geçiren goly esasynda «Aýaks» 1–0 öňe saýlandy. Duşuşygyň 67-nji minutynda Torgan Hazar hasaby deňledi. Galan minutlarda hem-de goşmaça 30 minutda hasap üýtgemedi. Netijede, penaltiler urlup, PSW 3–2 öňe saýlandy we bassyr 2-nji, umumylykda 11-nji gezek Niderlandlaryň Kubogyna mynasyp boldy. Eýndhowenliler bu ugurda «Aýaks» (20) we «Feýenoorddan» (13) soň 3-nji orunda barýar. PSW topary geçen ýylam finalda «Aýaksdan» üstün çykypdy.

* * *

**Germaniýanyň Kubogy** ýaryşynda ýarym final duşuşyklary geçirilip, «Leipsig» topary bassyr 3-nji gezek finala çykdy. Olar ýarym finalda geçen ýyl finalda duşuşan garşydaşy «Fraýburgy» 5–1 ýeňdi. «Leipsige» ýeňiş getiren gollary Olmo, Henriks, Soboslai (2) hem-de Nkunku geçirdi. «Leipsigiň» finaldaky garşydaşy-da «Aýntraht» bolup, frankfurtlylar ýarym finalda «Ştutgarty» 3–2 hasabynda ýeňdi. «Leipsig» bilen «Aýntrahtyň» arasyndaky final 3-nji iýunda Berlindäki «Olimpiastadion»-da oýnalar.

* * *

**Belgiýanyň Kubogy** ýaryşynyň finalynda-da «Mehelen» bilen «Antwerpen» toparlary duşuşdy. Duşuşykda «Antwerpen» Ýanssen hem-de Balikwişanyň gollary esasynda 2–0 ýeňiş gazandy. «Antwerpen» topary 4-nji gezek kubogy eýeläp, olar mundan öň 1992-nji, 2008-nji hem-de 2020-nji ýyllarda ýeňiji bolupdylar.

# «Red Bull» toparynyň sürüjileri gezekleşip ýeňiş gazanýar

**Formula 1 boýunça Dünýä çempionatynda «Red Bull» toparynyň sürüjileri gezekleşip ýeňiş gazanyp gelýär. 1-nji ýaryşda Maks Werstappen, 2-nji ýaryşda Serio Peres, 3-nji ýaryşda da ýene-de Werstappen ýeňiş gazanypdy. Möwsümiň 4-nji ýaryşynda-da bu statistika dowam edip, Azerbaýjanyň paýtagty Baku şäheriniň köçelerinde geçirilen bäsleşikde Peres ýeňiji boldy. Meksikaly sürüji 51 aýlawy 1 sagat 32 minut 42,436 sekuntda tamamlap, möwsümdäki 2-nji, karýerasyndaky 6-njy ýeňşini gazandy. Ondan 2,137 sekunt yza galan topardaşy, niderland sürüji Maks Werstappen 2-nji ýeri eýeledi. Ýaryşa 1-nji hatardan bat alan «Ferrari» toparynyň monakoly sürüjisi Şarl Lekler ýeňijiden 21,217 sekunt soň pellehanadan geçip, 3-nji orun bilen kanagatlanmaly boldy. «Aston Martin» toparynyň ispan piloty Fernando Alonsonyň 4-nji bolan ýaryşynda «Ferrari» toparynyň ispan sürüjisi Karlos Saýns Junior 5-nji ýeri eýeledi.**



**Sprint ýaryşynda Peres ýeňiş gazanyp, goşmaça 8 utuk almagy başardy. Lekleriň 2-nji bolan sprint bäsleşiginde Werstappen 3-nji orna mynasyp boldy.**

**Geçirilen 4 ýaryşdan soň çempion Maks Werstappeniň liderligi dowam edýär. Niderland sürüjisiniň 93 utugy bar. Ondan 6 utugy az topardaşy Peres 87 utuk bilen 2-nji ýeri eýeleýär. Ilkinji 3 ýaryşda 3-nji ýeri eýelän Fernando Alonso 60 utuk toplap, çempionlyk ýaryşynda 3-nji orunda barýar.**

**Möwsümiň 5-nji ýaryşy 7-nji maýda ABŞ-nyň Maýami şäherinde geçiriler.**



# 1-nji orna çykaran ýeňiş

Moto GP boýunça möwsümiň 4-nji ýaryşy Ispaniýanyň Herez şäherinde geçirildi. «Aprilia» toparynyň ispaniýaly sürüjisi Aleiks Espargaronyň ilkinji hatardan başlan bäsleşiginde 1-nji aýlawda kiçeňräk awariýa bolup, ýaryş togtadyldy. Fabio Kuartararo, Migel Oliweira dagy şol awariýadan soň ýaryşy dowam etdirip bilmedi. Täzeden bat alan ýaryşda soňky 3 aýlawda öňe geçen Françesko Banaia 1-nji ýeri eýeledi. «Ducati Lenovo» toparynyň sürüjisi, soňky çempion 24 aýlawy 39 minut 29,085 sekuntda tamamlap, möwsümdäki 2-nji, karýerasyndaky 13-nji ýeňşini gazandy. Banaiadan 0,221 sekunt yza galan «Red Bull KTM» toparynyň günorta afrikaly sürüjisi Bred Baýnder 2-nji, şeýle-de şol toparyň awstraliýaly sürüjisi Jek Miller ýeňijiden 1,119 sekunt soň pellehanadan geçip, 3-nji orny eýeledi.

Sprint ýaryşynda bolsa Baýnder 1-nji, Banaia 2-nji, Miller 3-nji orna mynasyp boldy. Bu ýeňişden soň Banaia Herezdäki ýaryşy tamamlap bilmedik Marko Bezeççiden öňe saýlanyp, sanawyň 1-nji basgançagyna beýgeldi. Banaia 4 ýaryşda 87 utuk toplady. 2-nji ýerdäki Bezeççiniň 65, 3-nji basgançakdaky Baýnderiň 62 utugy bar. Möwsümiň 5-nji «Gran Prisi» 14-nji maýda Fransiýanyň Le Man şäherinde geçiriler.

# Ýylyň iň köp pul gazanan türgenleriniň sanawynda futbolçylar öňdeligi eýeleýär

Dünýä belli ykdysady neşir bolan «Forbes» žurnaly ýylyň iň köp girdeji gazanan türgenleriniň sanawyny mälim etdi. Sanawyň başyny ýanwar aýynda ýarym milliard dollarlyk şertnama bilen Saud Arabystanyna transfer bolan portugaliýaly super ýyldyz Kristiano Ronaldo eýeleýär. 38 ýaşyndaky oýunçy 136 million dollarlyk gazanjy bilen sanawyň başyny çekýär. Ronaldodan 6 million dollar az gazanan argentinaly super ýyldyz Lionel Messi 130 million dollar bilen 2-nji ýeri eýeleýär. Sanawyň 3-nji basgançagynda-da PSŽ-niň başga bir super ýyldyzy, fransiýaly Kilian Mbappeniň ady bar. Ol 120 million dollar gazanç edipdir. Öňdäki 3 orny eýeleýän futbolçylardan soň sanawyň 4-njisi amerikaly basketbolçy LeBron Jeýms bolup, 119,5 million dollarlyk girdeji gazanmagy başardy. Meksikaly boksçy Kanelo Alwaresiň 110 million dollar bilen 5-nji bolan sanawynda amerikaly golfçular Dastin Jonson 6-njy, Fil Mikelson 7-nji ýeri eýeleýär. Olar degişlilikde, soňky 12 aýyň dowamynda 107 we 106 million dollarlyk girdeji gazanypdyr. Amerikaly basketbolçy Stefen Körri 100,4 million dollar bilen 8-nji, şweýsariýaly ozalky tennisçi Rojer Federer 95,1 million dollar bilen 9-njy ýeri eýeledi. Ýyldyz basketbolçy Kewin Durant 89,1 million dollarlyk girdejisi bilen ilkinji onlugy jemleýän türgen boldy.



Kristiano Ronaldo (futbol) – 136 million dollar
Lionel Messi (futbol) – 130 million dollar
Kilian Mbappe (futbol) – 120 million dollar
LeBron Jeýms (basketbol) – 119,5 million dollar
Kanelo Alwares (boks) – 110 million dollar
Dastin Jonson (golf) – 107 million dollar
Fil Mikelson (golf) – 106 million dollar
Stefen Körri (basketbol) – 100,4 million dollar
Rojer Federer (tennis) – 95,1 million dollar
Kewin Durant (basketbol) – 89,1 million dollar

# 92 ýyldan soň 50 goldan geçen ilkinji futbolçy

Angliýanyň çempionatynda «Fulhamy» myhmançylykda Holann hem-de Alwaresiň gollary bilen 2–1 hasabynda ýeňen «Mançester Siti» sanawyň 1-nji ornuna geçdi. «Mançester Siti» 28-nji tapgyryň galdyrylan duşuşygynda da öz meýdançasynda «West Hamy» 3–0 hasabynda utdy. Her duşuşykda 1 gol geçiren norwegiýaly hüjümçiniň çempionatdaky gollarynyň sany 35-e ýetdi. Ol Endi Koul (1993/94) hem-de Alan Şirerden (1994/95) öňe saýlanyp, «Premier Liganyň» taryhynda 1 möwsümde iň köp gol geçiren oýunçy rekordynyň täze eýesi boldy. Şeýle-de, onuň umumylykda ähli ýaryşlary hasaba alanyňda geçiren gollarynyň sany 51-e ýetdi. Şunlukda, 92 ýyldan soň Angliýanyň iň ýokary ligasynda çykyş edýän bir futbolçy 50-den köp gol geçirdi. Holann bu görkezijä ýeten 4-nji oýunçy bolup, ondan öň Diksi Din 1927/28 möwsüminde 63, Wiktor Watson 1919/20 möwsüminde 50, Tom Woring 1930/31 möwsüminde 50 gezek tapawutlanypdy.



247 günden soň liderligi elden gideren «Arsenal» öz meýdançasynda «Liwerpuly» Odegor (2) hem-de Žesusyň gollary bilen 3–1 ýeňdi. «Liwerpul» 7 goluň geçirilen oýnunda «Tottenhamdan» 4-3 üstün çykdy. 28-nji tapgyryň galdyrylan oýnunda-da «Fulhamy» 1–0 ýeňen «Liwerpul» 5-nji orna beýgeldi.

### PREMIER LEAGUE (34) — 44 gol

**K. Palas—W. Ham: 4–3** (Aýew 15, Saha 20, Şlupp 30, Eze 66 p — Souçek 9, Antonio 35, Agerd 72), **Braýton—W. hempton: 6-0** (Undaw 6, 66, Gross 13, 26, Welbek 39, 48), **Brentford—Nottingam: 2–1** (Touni 82, Dasilwa 90+4 — Danilo 45+1), **Nýukasl—Southempton: 3–1** (Wilson 55, 81, Walkott 79 ö.d. — Armstrong 41), **M. Ýunaýted—A. Willa: 1–0** (B. Fernandeş 39), **Fulham—M. Siti: 1–2** (Winisius 15 — Holann 3 p, Alwares 36), **Bornmut—Lids: 4–1** (Lerma 20, 24, Solanke 63, Semenio 90+1 — Bemford 32), **Liwerpul—Tottenham: 4–3** (Jons 3, Dias 5, Salah 15 p, Žota 90+5 — Keýn 39, Son 77, Rişarlison 90+3), **Lester—Ewerton: 2–2** (Söýünjü 22 Wardi 33 — Kalwert-Lýuwin 15 p, Iwobi 54), **Arsenal—Çelsi: 3–1** (Edegor 18, 31, Žesus 34 — Madueke 65)

### LA LIGA (33) — 15 gol

**Almeriýa—Elçe: 2–1** (Baptistao 22, Embarba 52 — Ponse 90), **Barselona—Osasuna: 1–0** (Žordi Alba 85), **R. Sosiedad—Real Madrid: 2–0** (Kubo 47, Barreneçea 85), **Walensiýa—Wilýarreal: 1–1** (Lino 72 — Jekson 62), **Hetafe—Selta: 1–0** (Ünal 3 p), **Atletiko—Kadiz: 5–1** (Grizmann 2, 27, Morata 16, Karrasko 57 p, Molina 73 — Losano 72), **Sewilýa—Espanýol, Žirona—Malýorka, R. Wallekano—Walýadolid, Atletik—Betis**

### SERIE A (33) — 28 gol

**Sampdoriýa—Torino: 0-2 (Buonžorno 31, Pellegri 90+4), Salernitana—Fiorentina: 3-3 (Dia 10, 59, 81 p – Gonzales 36, Ikone 71, Biragi 84), Ýuwentus – Leççe: 2–1 (Paredes 15, Wlahowiç 41 – Sisseý 36 p), Atalanta—Spesiýa: 3–2 (De Roon 32, Zappakosta 48, Muriel 54 — Gýasi 18, Burabiýa 64), Monza—Roma: 1–1 (Kaldirola 39 – El-Şaarawi 24), Milan—Kremoneze: 1–1** (Messias 90+3 – Okereke 77), **Lasio—Sassuolo: 2–0** (Anderson 14, Başiç 90+2), **Werona—Inter: 0–6** (Gaýç 31 ö.d., Çalhanoglu 36, Jeko 37, 61, Martines 55, 90+2), **Udineze—Napoli, Empoli—Bolonýa**

### LIGUE 1 (33) — 22 gol

**Strasbur—Lion: 1–2** (Sanson 15 — Lýukeba 32, Kakere 36), **Lill—Aýaçço: 3–0** (Andre Gomeş 22, 33, Kabella 37), **Monako—Monpelie: 0–4** (Nordin 28, 73, Mauassa 65, Mawididi 80), **Klermon—Reýms: 1–0** (Kiýeý 4), **Renn—Anže: 4–2** (Guiri 25, Untonži 35 ö.d., Dokýu 54, 84 — Bentaleb 19 p, Niýan 42), **Trua—Nissa: 0–1** (Budaui 2), **PSŽ—Loriýan: 1–3** (Mbappe 29 — Le Fi 15, Ýongwa 38, Dieng 88), **Marsel—Oser: 2–1** (Ünder 75, Sançes 77 — Ture 33), **Tuluza—Lans: 0–1** (Openda 33), **Brest—Nant: 2–0** (Le Duaron 18, Pereýra Lage 35)

### BUNDESLIGA (30) — 17 gol

**Bohum—Borussiýa D: 1–1** (Losilla 5 — Adeýemi 7), **Union Berlin—Baýer: 0–0, Ştutgart—Borussiýa M: 2–1** (Girassi 22, Kulibali 81 p — Waýgl 77 p), **Leipsig—Hoffenhaým: 1–0** (Nkunku 28), **Köln—Fraýburg: 0–1** (Doan 54), **Aýntraht—Augsburg: 1–1** (Rejbasaý 25 ö.d. — Demirowiç 58), **Şalke—Werder: 2–1** (Wan den Berg 81, Draksler 90+2 — Dukş 18), **Bawariýa —Herta: 2–0** (Gnabri 69, Koman 79), **Wolfsburg—Maýns: 3–0** (Winn 5, 28, Bornau 13)

**ANGLIÝANYŇ ÇEMPIONATY /PREMIER LEAGUE/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | MAN. SITI | 33 | 25 | 4 | 4 | 87-30 | 79 |
| 2 | ARSENAL | 34 | 24 | 6 | 4 | 81-39 | 78 |
| 3 | NÝUKASL | 33 | 18 | 11 | 4 | 61-27 | 65 |
| 4 | M. ÝUNAÝTED | 32 | 19 | 6 | 7 | 49-39 | 63 |
| 5 | LIWERPUL | 34 | 17 | 8 | 9 | 66-42 | 59 |
| 6 | TOTTENHAM | 34 | 16 | 6 | 12 | 63-57 | 54 |
| 7 | ASTON WILLA | 34 | 16 | 6 | 12 | 46-42 | 54 |
| 8 | BRAÝTON | 31 | 15 | 7 | 9 | 61-40 | 52 |
| 9 | BRENTFORD | 34 | 12 | 14 | 8 | 52-44 | 50 |
| 10 | FULHAM | 34 | 13 | 6 | 15 | 45-46 | 45 |
| 11 | K. PALAS | 34 | 10 | 10 | 14 | 35-45 | 40 |
| 12 | ÇELSI | 33 | 10 | 9 | 14 | 31-38 | 39 |
| 13 | BORNMUT | 34 | 11 | 6 | 17 | 36-64 | 39 |
| 14 | W. HEMPTON | 34 | 10 | 7 | 17 | 29-50 | 37 |
| 15 | WEST HAM | 34 | 9 | 7 | 18 | 37-50 | 34 |
| 16 | LESTER | 34 | 8 | 6 | 20 | 46-59 | 30 |
| 17 | LIDS | 34 | 7 | 9 | 18 | 43-67 | 30 |
| 18 | NOTTINGAM | 34 | 7 | 9 | 18 | 30-62 | 30 |
| 19 | EWERTON | 34 | 6 | 11 | 17 | 27-52 | 29 |
| 20 | SOUTHEMPTON | 34 | 6 | 6 | 22 | 28-60 | 24 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Erling HOLANN (Man. Siti) | 35 |
| 2 | Harri KEÝN (Tottenham) | 25 |
| 3 | Aýwen TOUNI (Brentford) | 20 |
| 4 | Mohamed SALAH (Liwerpul) | 18 |
| 5 | Markus REŞFORD (Man. Ýunaýted) | 16 |

**ISPANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LA LIGA/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | BARSELONA | 33 | 26 | 4 | 3 | 60-11 | 82 |
| 2 | ATLETIKO | 33 | 21 | 6 | 6 | 60-26 | 69 |
| 3 | REAL MADRID | 33 | 21 | 5 | 7 | 69-32 | 68 |
| 4 | R. SOSIEDAD | 33 | 18 | 7 | 8 | 43-29 | 61 |
| 5 | WILÝARREAL | 33 | 16 | 6 | 11 | 47-34 | 54 |
| 6 | BETIS | 32 | 14 | 7 | 11 | 39-37 | 49 |
| 7 | ATLETIK B | 32 | 13 | 8 | 11 | 43-32 | 47 |
| 8 | ŽIRONA | 32 | 12 | 8 | 12 | 50-45 | 44 |
| 9 | OSASUNA | 33 | 12 | 8 | 13 | 29-35 | 44 |
| 10 | R. WALLEKANO | 32 | 11 | 10 | 11 | 38-41 | 43 |
| 11 | SEWILÝA | 32 | 11 | 8 | 13 | 38-47 | 41 |
| 12 | MALÝORKA | 32 | 11 | 8 | 13 | 31-35 | 41 |
| 13 | SELTA | 33 | 10 | 9 | 14 | 38-46 | 39 |
| 14 | ALMERIÝA | 33 | 10 | 6 | 17 | 42-58 | 36 |
| 15 | KADIZ | 33 | 8 | 11 | 14 | 26-49 | 35 |
| 16 | WALÝADOLID | 32 | 10 | 5 | 17 | 29-55 | 35 |
| 17 | WALENSIÝA | 33 | 9 | 7 | 17 | 36-40 | 34 |
| 18 | HETAFE | 33 | 8 | 10 | 15 | 30-42 | 34 |
| 19 | ESPANÝOL | 32 | 7 | 10 | 15 | 38-53 | 31 |
| 20 | ELÇE | 33 | 3 | 7 | 23 | 25-64 | 16 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Robert LEWANDOWSKI (Barselona) | 19 |
| 2 | Karim BENZEMA (Real Madrid) | 17 |
| 3 | Enes ÜNAL (Hetafe) | 14 |
| 4 | HOSELU (Espanýol) | 13 |
| 5 | Antuan GRIZMANN (Atletiko) | 13 |

**ITALIÝANYŇ ÇEMPIONATY /SERIE A/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | NAPOLI | 32 | 25 | 4 | 3 | 68-22 | 79 |
| 2 | LASIO | 33 | 19 | 7 | 7 | 52-24 | 64 |
| 3 | ÝUWENTUS | 33 | 19 | 6 | 8 | 50-28 | 63 |
| 4 | INTER | 33 | 19 | 3 | 11 | 60-35 | 60 |
| 5 | ATALANTA | 33 | 17 | 7 | 9 | 56-39 | 58 |
| 6 | MILAN | 33 | 16 | 10 | 7 | 53-39 | 58 |
| 7 | ROMA | 33 | 17 | 7 | 9 | 45-31 | 58 |
| 8 | FIORENTINA | 33 | 12 | 10 | 11 | 45-39 | 46 |
| 9 | BOLONÝA | 32 | 12 | 9 | 11 | 41-40 | 45 |
| 10 | MONZA | 33 | 12 | 9 | 12 | 41-44 | 45 |
| 11 | TORINO | 33 | 12 | 9 | 12 | 35-38 | 45 |
| 12 | SASSUOLO | 33 | 12 | 7 | 14 | 40-49 | 43 |
| 13 | UDINEZE | 32 | 10 | 12 | 10 | 42-40 | 42 |
| 14 | SALERNITANA | 33 | 7 | 14 | 12 | 41-54 | 35 |
| 15 | EMPOLI | 32 | 7 | 11 | 14 | 26-42 | 32 |
| 16 | LEÇÇE | 33 | 7 | 10 | 16 | 28-40 | 31 |
| 17 | SPESIÝA | 33 | 5 | 12 | 16 | 28-54 | 27 |
| 18 | WERONA | 33 | 6 | 9 | 18 | 27-51 | 27 |
| 19 | KREMONEZE | 33 | 3 | 12 | 18 | 29-59 | 21 |
| 20 | SAMPDORIÝA | 33 | 3 | 8 | 22 | 20-59 | 17 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Wiktor OSIMHEN (Napoli) | 21 |
| 2 | Lautara MARTINES (Inter) | 19 |
| 3 | Bulaýe DIA (Salernitana) | 15 |
| 4 | M'Bala NZOLA (Spesiýa) | 13 |
| 5 | Ademola LUKMEN (Atalanta) | 13 |

**FRANSIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LIGUE I/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | PSŽ | 33 | 24 | 3 | 6 | 76-34 | 75 |
| 2 | MARSEL | 33 | 21 | 7 | 5 | 61-32 | 70 |
| 3 | LANS | 33 | 20 | 9 | 4 | 55-25 | 69 |
| 4 | MONAKO | 33 | 18 | 7 | 8 | 66-50 | 61 |
| 5 | LILL | 33 | 17 | 8 | 8 | 60-40 | 59 |
| 6 | RENN | 33 | 17 | 5 | 11 | 55-36 | 56 |
| 7 | LION | 33 | 15 | 8 | 10 | 52-37 | 53 |
| 8 | KLERMON | 33 | 14 | 7 | 12 | 36-43 | 49 |
| 9 | NISSA | 33 | 12 | 12 | 9 | 40-31 | 48 |
| 10 | LORIÝAN | 33 | 13 | 9 | 11 | 46-45 | 48 |
| 11 | REÝMS | 33 | 11 | 14 | 8 | 40-35 | 47 |
| 12 | MONPELIE | 33 | 13 | 4 | 16 | 52-52 | 43 |
| 13 | TULUZA | 33 | 12 | 5 | 16 | 48-55 | 41 |
| 14 | BREST | 33 | 8 | 11 | 14 | 37-48 | 35 |
| 15 | OSER | 33 | 8 | 9 | 16 | 31-55 | 33 |
| 16 | STRASBUR | 33 | 7 | 11 | 15 | 44-55 | 32 |
| 17 | NANT | 33 | 6 | 14 | 13 | 35-48 | 32 |
| 18 | TRUA | 33 | 4 | 10 | 19 | 41-70 | 22 |
| 19 | AÝAÇÇO | 33 | 6 | 4 | 23 | 22-61 | 22 |
| 20 | ANŽE | 33 | 3 | 5 | 25 | 27-72 | 14 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Kilian MBAPPE (PSŽ) | 23 |
| 2 | Jonatan DEWID (Lill) | 21 |
| 3 | Aleksandr LAKAZETT (Lion) | 20 |
| 4 | Folarin BALOGUN (Reýms) | 18 |
| 5 | Loi OPENDA (Lans) | 18 |

**GERMANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /BUNDESLIGA/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | BAWARIÝA | 30 | 18 | 8 | 4 | 81-33 | 62 |
| 2 | BORUSSIÝA D | 30 | 19 | 4 | 7 | 67-40 | 61 |
| 3 | UNION BERLIN | 30 | 16 | 8 | 6 | 44-31 | 56 |
| 4 | FRAÝBURG | 30 | 16 | 8 | 6 | 46-37 | 56 |
| 5 | LEIPSIG | 30 | 16 | 6 | 8 | 54-37 | 54 |
| 6 | BAÝER | 30 | 14 | 6 | 10 | 53-41 | 48 |
| 7 | MAÝNS | 30 | 12 | 10 | 8 | 54-37 | 46 |
| 8 | WOLFSBURG | 30 | 12 | 9 | 9 | 49-43 | 45 |
| 9 | AÝNTRAHT | 30 | 11 | 10 | 9 | 50-46 | 43 |
| 10 | BORUSSIÝA M | 30 | 9 | 9 | 12 | 44-48 | 36 |
| 11 | KÖLN | 30 | 8 | 11 | 11 | 40-48 | 35 |
| 12 | WERDER | 30 | 10 | 5 | 15 | 48-58 | 35 |
| 13 | AUGSBURG | 30 | 8 | 7 | 15 | 39-55 | 31 |
| 14 | HOFFENHAÝM | 30 | 8 | 5 | 17 | 39-51 | 29 |
| 15 | BOHUM | 30 | 6 | 10 | 14 | 38-52 | 28 |
| 16 | ŞTUTGART | 30 | 8 | 4 | 18 | 33-67 | 28 |
| 17 | ŞALKE | 30 | 6 | 9 | 15 | 28-57 | 27 |
| 18 | HERTA | 30 | 5 | 7 | 18 | 35-61 | 22 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Niklas FÜLLKRUG (Werder) | 16 |
| 2 | Winçenzo GRIFO (Fraýburg) | 13 |
| 3 | Markus TURAM (Borussiýa M) | 13 |
| 4 | Remdel KOLO MUANI (Aýntraht) | 13 |
| 5 | Kristofer NKUNKU (Leipsig) | 13 |

# «BARSELONA» 2, «NAPOLÄ» 1 UTUK ÝETERLIK

**Ispaniýanyň çempionatynda** soňky 7 günüň dowamynda 2 tapgyryň duşuşyklary geçirildi. Sanawyň lideri «Barselona» ilki «Betisi» 4–0, soňra «Osasunany» 1–0 hasaplar bilen ýeňdi. «Barselona» şu möwsümde 11-nji gezek bir duşuşykda 1–0 hasabynda ýeňiş gazandy. Mundan öň «La Ligada» «Walensiýa» (1988/89), «Atletiko» (2017/18), «Sewilýa» (2020/21) toparlary 11 oýunda 1–0 hasap bilen ýeňiş gazanypdy. Katalonlar «La Liganyň» çäginde 25-nji duşuşygynda gol geçirtmän taryhy rekorda bir ädim golaýlady. Bu ugurda Ýewropanyň öňdebaryjy 5 çempionatynda bir möwsümde 25 oýunda gol geçirtmedik 2 topar bolup, olar «Deportiwo» (26, 1993/94) bilen «Çelsi» (25, 2004/05) klublarydyr.



Karim Benzemanyň het-trik eden oýnunda «Almeriýany» 4–2 ýeňen «Real Madrid» myhmançylykda «Real Sosiedaddan» 2–0 asgyn geldi. Benzemanyň «La Ligadaky» gollarynyň sany 234-e ýetip, ol Hugo Sançesden öňe saýlandy we 4-nji orna beýgeldi. Madridiň «Atletikosy» soňky 2 duşuşygynda-da 5 gol geçirdi. Simeoneniň şägirtleri ilki myhmançylykda «Walýadolidi» 5–2, soňra öz meýdançasynda «Kadizi» 5–1 ýeňdi. Molina bilen Morata her duşuşykda 1, Grizmann bolsa 2-nji oýunda 2 gol geçirdi. 5 golly bu ýeňişlerden soň «Atletiko Madrid» 2-nji orna beýgeldi. «Almeriýadan» 2–1 hasabynda utulan «Elçe» 3 ýyldan soň «La Liga» bilen hoşlaşmaly boldy.

**Italiýanyň çempionatynda** 32-nji tapgyrda «Inter» öz meýdançasynda «Lasiony» 3–1 hasabynda ýeňdi. «Lasionyň» ýeňlişinden soň öz meýdançasynda «Salernitanany» kabul eden «Napoli» ýeňiş gazanan ýagdaýynda 33 ýyldan soň 3-nji çempionlygyny gazanmalydy. Ýöne 1–0 öňe saýlanan «Napoli» duşuşygyň tamamlanmagyna 6 minut galanda, Bulaýe Dianyň deňlik goluna çäre tapyp bilmedi we çempionlyk indiki duşuşyga galdy. 32-nji tapgyrda «Roma» bilen «Milan» 1–1 (Abraham 90+4 — Salemakers 90+7), «Bolonýa» bilenem «Ýuwentus» 1–1 (Orsolini 10 p — Milik 61) deňme-deň oýnady. 33-nji tapgyrda «Ýuwentus» «Leççeni» 2–1, «Lasio» «Sassuolony» 2–0, «Atalanta» «Spesiýany» 3–2 ýeňdi. «Inter» myhmançylykda Jeko we Martinesiň hersiniň 2 gol geçiren oýnunda «Weronany» 6–0 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Öz garşydaşlary bilen 1–1 deňme-deň oýnan «Milandyr» «Roma» bu tapgyrda-da 1 utuk bilen kanagatlanmaly boldy. Bu deňliklerden soň «Milan» 6-njy, «Roma» 7-nji orna düşdi.

**Fransiýanyň çempionatynda** PSŽ öz meýdançasynda ýene bir ýola ýeňlişe sezewar boldy. Parižde «Loriýandan» 3–1 hasabynda utulan PSŽ şu möwsümde 6-njy gezek ýeňildi. PSŽ topary katarly işewürler tarapyndan satyn alnandan soň, ýagny 12 ýyldan bäri 2-nji gezek bir möwsümde 6-njy sapar ýeňlişe sezewar boldy. Duşuşykda «Loriýanyň» gollaryny Le Fi (15), Ýongwa (38), Dieng (88) geçirdi. 20-nji minutdan soň 1 oýunçy kem (Aşraf Hakimi 20-nji minutda 2-nji sarydan soň gyzyl kart aldy) oýnan PSŽ-niň ýeke-täk goluny 29-njy minutda Kilian Mbappe derwezä girizdi. 2-nji ýerdäki «Marsel» öz meýdançasynda «Oseri» Jengiz Ünder we Aleksis Sançesiň soňky 15 minutda geçiren gollary esasynda 2–1 hasabynda ýeňdi. Bu ýeňişden soň PSŽ bilen «Marseliň» arasyndaky utuk aratapawudy çempionatyň tamamlanmagyna 5 tapgyr galanda 5-e düşdi.

**Germaniýanyň çempionatynda** myhmançylykda «Bohumy» ýeňip bilmedik «Borussiýa Dortmund» 2 utuk ýitirip, 2-nji orna düşdi. «Hertany» Gnabri we Komanyň gollary bilen 2–0 ýeňen «Bawariýa» 4 tapgyr galanda, täzeden 1-nji orna beýgeldi.



Sahypany taýýarlan Hajymyrat SÖÝÜNOW.

9 MAÝ BEÝIK ÝEŇŞIŇ ŞANLY 78 ÝYLLYGY GUTLY BOLSUN!

## AŞGABADYŇ DOKMA TOPLUMY

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi we Türkmenistanyň halkyny 1941–1945-nji ýyllaryň Beýik Watançylyk urşunda gazanylan Ýeňşiň şanly 78 ýyllygy mynasybetli tüýs ýüregimizden, mähirli gutlaýarys!

**Hormatly Prezidentimiz!** 1941–1945-nji ýyllaryň Beýik Watançylyk urşunda Watanyň azatlygy ugrunda şirin janyny orta goýup, gaýduwsyzlygyň, mertligiň, batyrlygyň nusgasyny görkezen, azat, asuda, abadan durmuşyň hatyrasyna söweşen gerçekleriň, urşuň yzynda galan eneleriň görkezen edermenligi ýüreklerde baky ýaşar. Size ýurdumyzy gülledip ösdürmekde, ykdysady kuwwatyny has-da pugtalandyryp, ony dünýäniň ösen döwletleriniň hataryna çykarmakda alyp barýan il-ýurt bähbitli işleriňizde rowaçlyklar we üstünlikler arzuw edýäris!

**Hormatly Prezidentimiz!** Sizi 1941–1945-nji ýyllaryň Beýik Watançylyk urşunda gazanylan Ýeňşiň şanly 78 ýyllygy mynasybetli ýene-de bir gezek tüýs ýüregimizden, mähirli gutlaýarys!

**Hormatly Prezidentimiz!** Siziň türkmen halkynyň röwşen geljegi üçin alyp barýan tutumly işleriňiziň hemişe rowaç bolmagyny arzuw edýäris, ömrüňiziň uzak, janyňyzyň sag, belent başyňyzyň aman, mertebäňiziň mundan-da belent bolmagyny Beýik Biribardan dileg edýäris!

Beýik Ýeňşiň şanly 78 ýyllygy gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**Aşgabadyň Dokma Toplumynyň ýolbaşçylary we işgärleri.**

## «GAP – TÜRKMEN» ÝGPJ TÜRKMENBAŞY JINS TOPLUMY

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi we Türkmenistanyň parahatçylyk söýüji halkyny 1941–1945-nji ýyllaryň Beýik Watançylyk urşunda gazanylan Ýeňşiň şanly 78 ýyllygy mynasybetli ähli işgärlerimiziň adyndan tüýs ýürekden gutlaýarys!

**Hormatly Prezidentimiz!** Siziň baştutanlygyňyzda Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan bu günki gün parahatçylygyň, asudalygyň, halkyň agzybirliginiň we dost-doganlygyň höküm sürýän Watanyna öwrüldi. Siziň öňdengörüjilikli, hoşniýetli, ynsanperwer içeri we daşary syýasatyňyz dünýä jemgyýetçiliginde uly goldawa hem-de hormata eýe bolýar.

**Hormatly Prezidentimiz!** Sizi türkmenistanlylaryň frontda-da, tylda-da görkezen taýsyz edermenlikleri, gahrymançylyklary netijesinde gazanylan taryhyň sahypalaryna öçmejek harplar bilen ýazylan Beýik Ýeňşiň şanly 78 ýyllygy mynasybetli ähli işgärlerimiziň adyndan ýene-de bir gezek tüýs ýürekden we mähirli gutlaýarys! Beýik Ýeňiş gününiň dabara edilýän pursadynda Size we Siziň parasatly baştutanlygyňyzda Türkmenistanyň halkyna ýurt abadançylygyny, bagtyýarlyk döwründe gülläp ösüş, il-ýurt bähbitli işleriňizde hemişe rowaçlyk arzuw edýäris!

Beýik Ýeňşiň şanly 78 ýyllygy gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**Türkmenbaşy jins toplumynyň ýolbaşçylary we işgärleri.**

## RUHABAT DOKMA TOPLUMY

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi we ähli halkymyzy 1941–1945-nji ýyllaryň Beýik Watançylyk urşunda gazanylan Ýeňşiň şanly baýramy bilen gutlaýarys!

Urşa gidenleriň yzynda galan maşgalalaryň gerdenine juda agyr ýük düşdi. Olar edermenlik we zähmet gahrymançylygyny görkezdiler.

Tylda galan enelerimiz, uýalarymyz, garrylarymyz fronta kömek ugratdylar. Mähriban aýal-gyzlarymyz öz bukjalaryndaky apalap saklaýan ähli şaý-seplerini Beýik Ýeňşiň hatyrasyna bagyşladylar. Olaryň bu edermenligi bize nusgadyr.

1941–1945-nji ýyllaryň Beýik Watançylyk urşunda gazanylan Ýeňşiň şanly 78 ýyllygy ýurdumyzda dabaraly bellenilip geçilýär. Şu günler Türkmenistanyň ähli ýerinde Beýik Ýeňşiň şanly 78 ýyllygy mynasybetli uruş weteranlarynyň gatnaşmagynda toý dabaralary geçirilýär. Duşuşyklaryň barşynda weteranlara ajaýyp gül desseleri, gymmat bahaly sowgatlar gowşurylýar, urşuň gahrymanlarynyň ýadygärliklerine ter gül çemenleri goýulýar.

Beýik Ýeňşiň şanly 78 ýyllygy gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**Ruhabat dokma toplumynyň ýolbaşçylary we işgärleri.**

## Miweli Ülke

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi 1941–1945-nji ýyllaryň Beýik Watançylyk urşunda gazanylan Ýeňşiň şanly 78 ýyllygy mynasybetli tüýs ýürekden hem-de mähirli gutlaýarys!

1941–1945-nji ýyllaryň Beýik Watançylyk urşy türkmenistanlylaryň taryhynda gahrymançylykly sahypalaryň biri boldy, biziň edermen gerçeklerimiz mähriban ýurdumyzyň azatlygyny we garaşsyzlygyny gorap söweşdiler. Bu uly taryhy ýeňişde türkmenistanly gerçekleriň görkezen deňsiz-taýsyz gahrymançylygyny bütin dünýä ykrar edýär.

Adamzadyň taryhynda iň ýowuz wakalaryň biri bolan 1941–1945-nji ýyllaryň Beýik Watançylyk urşuna türkmenistanlylaryň hem ýüz müňlerçesi gatnaşyp, aldym-berdimli söweşlerde edermenlik görkezdiler. Her ýylyň ajaýyp bahar pasly güller açyp, bägülleriň burk urýan maý aýy gelende, tutuş halkymyz bir ruhy bitewülige has-da jebis jemlenip, şanly senäni – Beýik Ýeňiş gününi uludan toýlaýar.

Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan öz gahrymanlarynyň at-abraýyny, mertebesini ýokary derejede saklaýar.

Beýik Ýeňşiň şanly 78 ýyllygy gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«MIWELI ÜLKE» hususy kärhanasynyň ýolbaşçylary we işgärleri.**

# BEÝIK ÝEŇŞIŇ ŞANLY 78 ÝYLLYGY GUTLY BOLSUN! 9 MAÝ

Zehinli iş

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi 1941–1945-nji ýyllaryň Beýik Watançylyk urşunda gazanylan Ýeňşiň şanly 78 ýyllygy mynasybetli tüýs ýürekden gutlaýarys!

**Hormatly Prezidentimiz!** 1941–1945-nji ýyllaryň Beýik Watançylyk urşunda şirin janlaryny orta goýup, gaýduwsyzlygyň, mertligiň, batyrlygyň ajaýyp nusgasyny görkezen, azat, asuda, abadan durmuşymyzyň hatyrasyna söweşen gerçeklerimiziň, urşuň yzynda galan enelerimiziň görkezen edermenligi ýüreklerde hemişelik ýaşaýar. Siziň ata Watanymyzyň dünýäniň ösen döwletleriniň hataryna goşulyp, halkara abraýynyň mundan beýläk hem beýgelmegi, ykdysadyýetiň we ilatyň durmuş derejesiniň has-da ýokary depginler bilen ösmegi ugrunda alyp barýan işleriňiz elmydama rowaçlyklara beslensin!

**Hormatly Prezidentimiz!** Sizi 1941–1945-nji ýyllaryň Beýik Watançylyk urşunda gazanylan Beýik Ýeňşiň şanly 78 ýyllygy mynasybetli ýene-de bir gezek tüýs ýürekden, mähirli gutlaýarys!

**Hormatly Prezidentimiz!** Siziň halkymyzyň röwşen geljegi üçin alyp barýan tutumly işleriňiziň hemişe rowaç bolmagyny arzuw edýäris! Ömrüňiz uzak, janyňyz sag, belent başyňyz aman, mertebäňiz mundan-da belent bolsun!

Beýik Ýeňşiň şanly 78 ýyllygy gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«ZEHINLI IŞ» hojalyk jemgyýetiniň ýolbaşçylary we işgärleri.**

AJAÝYP BINA

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

1941–1945-nji ýyllaryň Beýik Watançylyk urşunda gazanylan Ýeňşiň şanly 78 ýyllygy mynasybetli Sizi we ähli halkymyzy tüýs ýürekden gutlaýarys!

**Hormatly Prezidentimiz!** Ýurdumyzda uruş weteranlary, urşa gatnaşyjylaryň ýanýoldaşlary we tylda zähmet çekenler gymmat bahaly sylaglar bilen sylaglanylýar.

**Hormatly Prezidentimiz!** Size berk jan saglygyny, ýurdumyzy behişdi mekana öwürmek üçin edýän tagallalaryňyzyň rowaçlanmagyny Beýik Biribardan dileýäris!

Beýik Ýeňşiň şanly 78 ýyllygy gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«AJAÝYP BINA» hojalyk jemgyýetiniň ýolbaşçylary we işgärleri.**

## «TÜRKMENHIMIÝA» DÖWLET KONSERNINIŇ «TÜRKMENTURBA» ZAWODY

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi we Türkmenistanyň halkyny 1941–1945-nji ýyllaryň Beýik Watançylyk urşunda gazanylan Ýeňiş güni bilen gutlaýarys!

Türkmenistanyň halky urşa gatnaşan gerçekleriň gahrymançylygyny ýatdan çykarmaýar. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Watan üçin söweşen gahrymanlarymyz uly hormat-sarpa, hemmetaraplaýyn alada bilen gurşalýar.

**Hormatly Prezidentimiz!** Siziň janyňyz sag, ömrüňiz uzak bolsun, il-ýurt bähbitli işleriňiz rowaç alsyn!

Beýik Ýeňşiň şanly 78 ýyllygy gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«TÜRKMENHIMIÝA» döwlet konserniniň «TÜRKMENTURBA» zawodynyň ýolbaşçylary we işgärleri.**

## «ÇEPER GURLUŞYK» H. K.

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Şu günler Beýik Ýeňşiň şanly 78 ýyllyk dabarasy tutuş ýurdumyzy gurşap aldy. Siziň baştutanlygyňyzda halkymyz Ýeňiş gününi giňden belleýär. Sizi we Türkmenistanyň halkyny 1941–1945-nji ýyllaryň Beýik Watançylyk urşunda gazanylan Ýeňşiň şanly 78 ýyllygy mynasybetli tüýs ýürekden gutlaýarys!

**Hormatly Prezidentimiz!** Size we ähli halkymyza bagt, abadançylyk, üstünlik arzuw edýäris!

Beýik Ýeňşiň şanly 78 ýyllygy gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«ÇEPER GURLUŞYK» hususy kärhanasynyň ýolbaşçylary we işgärleri.**

## «Garagum Ulag» H. J.

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi we güneşli Türkmenistanyň ähli halkyny 1941–1945-nji ýyllaryň Beýik Watançylyk urşunda gazanylan Ýeňiş güni mynasybetli mähirli gutlaýarys!

**Hormatly Prezidentimiz!** Urşuň ýeňiş bilen tamamlanmagynyň 78 ýyllygynyň uly dabara bilen bellenilýän häzirki günlerinde urşa gatnaşan adamlara belent sarpa goýulýar. Biz munuň üçin halkymyz bilen bile Size alkyş aýdýarys we ýene-de bir gezek Beýik Ýeňşiň şanly 78 ýyllygy bilen tüýs ýürekden gutlaýarys!

Beýik Ýeňşiň şanly 78 ýyllygy gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«GARAGUM ULAG» hojalyk jemgyýetiniň ýolbaşçylary we işgärleri.**

nowa®
ÝOKARY HILLI GAPLAMA

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi we halkymyzy 1941–1945-nji ýyllaryň Beýik Watançylyk urşunda gazanylan Ýeňşiň şanly 78 ýyllygynyň Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe belent derejede baýram edilýändigi mynasybetli arassa kalbymyzdan gyzgyn gutlaýarys! Bu uly taryhy ýeňişde gerçeklerimiziň görkezen deňsiz–taýsyz gahrymançylygyny bütin dünýä ykrar edýär.

Ýurdumyzda gahrymanlaryň at-abraýy, mertebesi ýokary derejede saklanýar.

Beýik Ýeňşiň şanly 78 ýyllygy gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«TOPRAK» hojalyk jemgyýetiniň ýolbaşçylary we işgärleri.**

AGRi

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi we Türkmenistanyň halkyny 1941–1945-nji ýyllaryň Beýik Watançylyk urşunda gazanylan Ýeňiş güni bilen gutlaýarys!

Urşa gatnaşanlaryň gahrymançylykly söweş ýoly biziň häzirki nesillerimiz üçin Watana wepalylygyň naýbaşy nusgasydyr. Şu gutlagymyzyň üsti bilen Garaşsyz döwletimiziň mundan beýläk-de gülläp ösmegini, Türkmenistanyň her bir raýatynyň bagtyýar, her bir maşgalanyň bagtly bolmagyny Beýik Alladan dileýäris!

Beýik Ýeňşiň şanly 78 ýyllygy gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«AGRI» bilelikdäki kärhanasynyň ýolbaşçylary we işgärleri.**